**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– OBA HOJALYGYNDA AMALA AŞYRYLÝAN DÜÝPLI ÖZGERTMELER ÖNÜMÇILIGIŇ, ŞOL SANDA ONUŇ GALLAÇYLYK PUDAGYNYŇ YZYGIDERLI ÖSDÜRILMEGINE, ŞEÝLE-DE OBA ILATYNYŇ ÝAŞAÝYŞ-DURMUŞ DEREJESINIŇ HAS-DA ÝOKARLANMAGYNA ULY ÝARDAM EDÝÄR.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
12-nji iýul, 2024. Belgisi 28/1594




# HARMANYŇYZA BEREKET, GALLAÇY BABADAÝHANLAR

8-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan möwsümleýin işleriň barşy bilen bagly meselelere garaldy.

Welaýatlaryň häkimleri sebitlerde möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdiler. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýygnalan hasyly galla kabul ediş nokatlaryndan elewatorlara, ammarlara daşamak, orakdan boşan meýdanlarda sürüm işlerini geçirmek we ýerleri indiki ekiş möwsümine taýýarlamak, geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý tohumlaryny taýýar etmek boýunça işler dowam edýär. Döwlete tabşyrylan bugdaý üçin önüm öndürijiler bilen hasaplaşyklar öz wagtynda geçirilýär. Welaýatlaryň gowaça ekilen meýdanlarynda ösüş suwuny tutmak, hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri ýerine ýetirilýär. Ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ýetişdirilen hasylyny ýygnap almak we ilata ýetirmek, bu ekinleriň güýzki ekişine taýýarlyk görmek işleri utgaşykly alnyp barylýar. Mundan başga-da, häkimler ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdiler.

Balkan we Daşoguz welaýatlarynyň häkimleri hormatly Prezidentimiziň oba zähmetkeşleri üçin döredýän amatly şertlerinden ruhlanan edermen daýhanlaryň Watan harmanyna bugdaýyň bereketli hasylyny tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirendikleri baradaky hoş habary aýtdylar hem-de döwlet Baştutanymyza we türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza oba hojalyk pudagynyň ösdürilmegine berýän yzygiderli ünsi üçin sebitiň ýaşaýjylarynyň adyndan hoşallyk bildirdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, edermen gallaçylaryň Watan öňündäki şertnamalaýyn borçnamalaryny abraý bilen ýerine ýetirendiklerini, munuň bolsa ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da berkitmekde möhüm ädimleriň biridigini belledi. Döwlet Baştutanymyz gazanan bu zähmet ýeňşi bilen Balkan we Daşoguz welaýatlarynyň gallaçylaryny tüýs ýürekden gutlap, täze üstünlikleri arzuw etdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň hemaýat-goldawlary netijesinde, ýurdumyzyň gallaçy daýhanlary tarapyndan Watan harmanyna 1 million 200 müň tonnadan gowrak bugdaý hasyly tabşyryldy. Ýurdumyzda häzirki wagtda galla oragy dowam edip, ýygnalan hasyly galla kabul ediş nokatlaryndan ammarlara, elewatorlara daşamak hem-de olary talabalaýyk ýerleşdirmek, önüm öndürijiler bilen döwlete tabşyrylan hasyl üçin hasaplaşyklary öz wagtynda geçirmek, indiki ekiş möwsüminde ulanyljak bugdaý tohumyny taýýarlamak boýunça degişli çäreler görülýär. Gowaça ekilen meýdanlarda pagtaçy daýhanlar tarapyndan hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri ýerine ýetirilýär.

Welaýatlaryň ekerançylyk meýdanlarynda ösdürilip ýetişdirilen ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň hasylyny ýygnap almak, bu önümler bilen bazarlarymyzy bolelin üpjün etmek, önümleri sowadyjy ammarlara ýerleşdirmek, şu ýylyň güýz paslynda bu ekinleriň ekiljek ýerlerini ekiş möwsümine taýýarlamak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Daşoguz we Lebap welaýatlarynyň şaly ekilen meýdanlarynda ideg işleri, Mary welaýatynda bolsa güýzlük gant şugundyryny ekmek, ekiş geçirilen ýerlerde gögeriş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ussat gallaçylarymyzyň tutanýerli zähmeti netijesinde ösdürilip ýetişdirilen bugdaý hasylynyň soňky dänesine çenli ýygnalyp alynmagyny, ýurdumyzyň ekerançylyk meýdanlaryndaky agrotehniki çäreleriň talabalaýyk geçirilmegini gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy. Döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, oba hojalyk işgärleriniň yhlasly zähmeti bilen ýurdumyzda azyk bolçulygynyň döredilýändigini, bu ugurda gallaçy daýhanlarymyzyň alyp barýan işleriniň aýratyn bellenilmäge mynasypdygyny aýtdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz häzirki wagtda jogapkärli möwsüm bolan galla oragynyň tamamlanyp barýandygyna ünsi çekip, edermen gallaçylaryň bugdaýyň her bir dänesini yrýa etmän ýygnap aljakdyklaryna berk ynam bildirdi.

*Ýurdumyzyň edermen babadaýhanlary Watan harmanyna 1 million 200 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylyny tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirdiler.*

* * *

10-njy iýulda ýurdumyzyň ýene-de iki welaýatynyň – Ahal hem-de Lebap welaýatlarynyň gallaçylary ajaýyp zähmet ýeňşini gazandylar. Olar Watan harmanyna, degişlilikde, 400 müň we 310 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylyny tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirdiler.

Edermen gallaçylar hormatly Prezidentimize hem-de türkmen halkynyň Milli Liderine oba hojalyk pudagyny ösdürmek ugrunda edýän tagallalary, daýhanlaryň netijeli zähmet çekmekleri babatda döredilýän şertler üçin hoşallyklaryny beýan etdiler. Bellenilişi ýaly, oba zähmetkeşleri tehniki enjamlar, mineral dökünler, ýokary hilli tohumlar hem-de himiki serişdeler bilen üpjün edilýär. Döwletimiz tarapyndan dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalaryndan ýokary öndürijilikli tehnikalar yzygiderli satyn alynýar, tabşyrylan hasyl üçin hasaplaşyklar öz wagtynda geçirilýär. Munuň özi bu jogapkärli möwsümiň ýokary netijelere beslenmegine ýardam berýär.

Dürli oba hojalyk önümleriniň öndürilýän möçberiniň artdyrylmagy, ýurdumyzda azyk bolçulygynyň üpjün edilmegi Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga, halkymyzyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Bugdaýyň döwlet satyn alyş nyrhynyň ýokarlandyrylmagy, oba hojalyk tehnikalaryny satyn almak, beýleki çykdajylary maliýeleşdirmek üçin daýhan birleşiklerine, kärendeçilere, telekeçilere berilýän ýeňillikli karzlar ekerançylaryň zähmet öndürijiligini artdyrýar. Bulardan başga-da, «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» we beýleki giň gerimli durmuş-ykdysady maksatnamalaryň çäklerinde ähli welaýatlarda daýhanlaryň durmuşyny düýpli özgerdýän iri maýa goýum taslamalary amala aşyrylýar. Munuň özi edermen daýhanlarymyza ýokary netijeleri gazanmaga mümkinçilik berýär.







# TÜRKMEN ZYÝARATÇYLARY HAJ PARZYNY BERJAÝ EDIP GELDILER

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda ýurdumyzyň zyýaratçylar topary haj parzyny berjaý etmek maksady bilen, Saud Arabystanynda boldular. Musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramynyň mübärek günlerinde Türkmenistanyň bäş welaýatynyň we paýtagtymyzyň wekilleri dünýäniň millionlarça zyýaratçylary bilen bilelikde mukaddes Käbä tagzym etmek we beýleki däp-dessurlary berjaý etmek üçin Mekgede hem-de Medinede boldular.*

Türkmen zyýaratçylary ýörite uçarda Aşgabadyň Halkara howa menziline geldiler. Soňra bolsa döwrebap awtobuslarda «Parahat – 7» ýaşaýyş toplumynda ýerleşýän Hezreti Omar metjidine bardylar. Yslam dünýäsiniň özboluşly merkezine öwrülen iki mu-



kaddeslige tagzym eden watandaşlarymyzyň zyýaraty jemgyýetimiziň we döwletimiziň sazlaşykly ösüş ýoluna düşendiginiň, asylly ýörelgeleriň dowamat-dowam bolýandygynyň aýdyň güwäsidir. Olar ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, dünýäde parahatçylygyň, dostlukly gatnaşyklaryň berkarar bolmagy ugrunda tagalla edýän Arkadagly hajy Serdarymyza we hajy Arkadagymyza hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

Häzirki döwürde ösüşleriň täze belentliklerine tarap ynamly gadam urýan Türkmenistanyň her bir güni şanly wakalara, beýik ýeňişlere, ýatda galyjy pursatlara beslenýär. Metjidiň ýanynda ildeşlerimizi dogan-garyndaşlary, dost-ýarlary garşyladylar.

Bellenilişi ýaly, haj parzyny berjaý eden watandaşlarymyz päk ahlaklylygyň, ruhy tämizligiň, ynsanperwerligiň ajaýyp baýramy bolan mübärek Gurban baýramy günlerinde Mekge şäherinde türkmen halkynyň Milli Lideriniň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň işleriniň rowaç bolmagynyň, Watanymyzyň dünýädäki şan-şöhratynyň has-da belende galmagynyň, ýurt abadançylygynyň hatyrasyna gurbanlyk sadakasyny berdiler. ■ 2

# BERLINDE ULY FINAL: ISPANIÝA – ANGLIÝA

Futbol boýunça 17-nji Ýewropa çempionatynyň finaly 14-nji iýulda, ýagny ýekşenbe güni ýarygijede (00:00) başlanar. Berlindäki 71 müň orunlyk (çempionat üçin) «Olympiastadion»-da oýnaljak finalda Ispaniýa bilen Angliýanyň ýygyndylary duşuşarlar. Duşuşykda fransiýaly emin Fransua Leteksie jürlewük çalar. Ispaniýanyň ýygyndysy 5-nji, Angliýanyň ýygyndysy 2-nji gezek finalda çykyş eder. Ispaniýanyň ýygyndysynyň 3 çempionlygy bolup, Angliýanyň ýygyndysyna entek yklym ýaryşynyň ýeňşi miýesser etmedi. Ispaniýa 1964-nji, 2008-nji we 2012-nji ýyllarda çempionlyk gazanyp, 1984-nji ýylda-da finalda ýeňlipdi. Bassyr 2-nji gezek finala çykan Angliýanyň ýygyndysy mundan 3 ýyl öň Londonda oýnalan finalda Italiýadan asgyn gelipdi.




Ispaniýa bilen Angliýanyň ýygyndysy şu finala çenli özara 27 duşuşyk geçirdi. Şolarda Ispaniýa 10 gezek ýeňiş gazanan bolsa, Angliýa 13 duşuşykda garşydaşyndan üstün çykmagy başardy. 4 duşuşyk bolsa deňlikde tamamlandy. Ispanlaryň 32 goluna iňlisler 45 gol bilen jogap berdiler. ■ 7

## Awtomatlaşdyrylan konweýer gurmakçy

Ýaponiýanyň hökümeti ýük daşamak maksady bilen 500 kilometre uzaýan awtomatlaşdyrylan konweýeri gurmagyň meýilnamasyna garaýar. ■ 4



## Dişimize zyýanly iýmitler

«Görk agyzdan...» diýlişi ýaly, adamzat jemgyýeti irki ýyllardan bäri aşhana medeniýetine we iýip-içmek düzgünlerine uly üns berýär. Haýsy iýmiti haçan we näçeräk mukdarda iýmeli, haýsy iýmitden gaça durmaly? ■ 5



## Dublin baýragynyň eýesi

Golaýda iň abraýly edebiýat baýraklarynyň biri bolan Dublin baýragy rumyniýaly ýazyjy we şahyr Mirça Kertereskuwa «Solenoid» atly romany üçin berildi. ■ 6



## Argentina 30-njy, Kolumbiýa 3-nji gezek finalda

Ýewropa çempionatyndan soň ABŞ-da dowam edýän 48-nji Kopa Amerikada hem ilkinji finalçy belli boldy. Ýarym finalda Argentina bilen Kanadanyň ýygyndylary duşuşdy. ■ 8





# Kosmos interneti syýahatçylygy ösdürýär

«SpaceX» kompaniýasynyň gönüden-göni kosmosdan internet hödürleýän hyzmaty syýahatçylygyň hem ösmegine getirdi. Kompaniýa häzire çenli «Starlink« taslamasynyň çäklerinde ýüzlerçe kiçi göwrümli emeli hemrany Ýeriň orbitasyna çykardy. Bu emeli hemralar kosmosdaky «Wi-Fi routeri» hökmünde hyzmat edip, medeni zolakdan uzakdaky ýerleri ýokary tizlikli internet bilen üpjün edýär. Bu hyzmatdan uçar ýolagçylary we deňizlerde uzak aralyga syýahat edýän gämileriň ýolagçylary hem peýdalanýar. Indi deňiz syýahatçylygy bilen meşgullanýan kompaniýalaryň köpüsi gämi flotyny «Starlink» interneti bilen enjamlaşdyrýar. Şeýle bolansoň, ýolagçylar deňziň jümmüşinde internet hyzmatyndan peýdalanyp, gyzykly wagt geçirip, hatda uzak aralykdan işlerini hem edip bilýärler. Bu bolsa syýahat maksatly gämilere bolan gyzyklanmany artdyrýar.

"Carnival Corporation" kompaniýasynyň ýolbaşçysy Joş Weýnşteýn kosmos internetiniň tizliginiň gury ýerdäki ýalydygyna ünsi çekip, bu hyzmatyň ýene bir girdeji çeşmesi boljakdygyny aýdýar. "Carnival Corporation" kompaniýasy 2022-nji ýyldan başlap, ýolagçy gämilerine "Starlink" antennalaryny oturdyp başlapdyr.



# Pi sanynda täze rekord

Mälim bolşy ýaly, islendik töweregi onuň diametrine bölenińde, netijesi 3,14 çykýar. Aslynda, bu san tükeniksiz ýagdaýda uzap gidýär. Şeýle bolansoň, matematikler we inženerler her ýylda ýokary tehnologiýadan peýdalanyp, Pi sanynyň has takyk bahasyny tapýarlar. Şeýlelikde, üçden soň gelýän oturyň yzyna ýenede münlerçe san goşulýar. «Storage-Review» laboratoriýasynyň inženerleri 202 trillion 112 milliard 290 million basgançagyny hasapladylar. Şeýlelikde, inženerler topary şu ýylyň 14-nji martynda, ýagny halkara Pi gününde hasaba alnan özlerine degişli 105 trillion basgançakly rekordy täzelediler.

Bu sany hasaplamak üçin örän ýokary kompýuter tehnologiýasy ulanylýar. Inženerler topary 85 günläp yzygiderli işleýän algoritmden peýdalandylar. Hasaplama jemi 1,5 petabaýtlyk ýer aldy.

# Iň uly sandwiç



Boliwiýada aşpezleriň we talyplaryň gatnaşmagynda dünýäniň iň uly sandwiji taýýarlandy. Ýurduň paýtagty La-Pasda geçirilen rekord synanyşygyna münlerçe adam gatnaşdy. Iň uly sandwiji taýýarlamak üçin 300 kilogram un, birnäçe halta käşir-sogan we 380 kilogram et ulanyldy. Sandwiç taýýarlamaga 100-den gowrak aşpez, talyp we gastronomiýa bilermenleri gatnaşdy. Rekord synagyň maksadynyň Boliwiýanyň dünýäde tanalmagyna goşant goşmakdan ybaratdygy mälim edildi. Tagam taýýar bolandan soňra, böleklere bölünip bu ýere ýygnanan mähellä paýlandy. Şeýle hem bu gyzykly çärä tomaşa etmäge gelenlere adaty ulylykdaky sandwiçler hem hödür edildi.

**Aýmyrat KURBANMURADOW,**
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.***

# Emeli gözelleriň bäsleşigi

Dünýäniň emeli aň tarapyndan döredilen zenanlarynyň arasynda geçirilen ilkinji gözellik bäsleşiginiň ýeňijileri belli boldy. «Miss AI» atly bäsleşikde birinji ýer alana 20 müň dollar pul baýragy goýuldy. Kompýuterde döredilen zenanlaryň arasynda marokkoly «influencer» Kenza Laýli



birinji boldy. Bütindünýä emeli aň döredijileri baýragy (WAICA) almaga jemi 1 müň 500 model gatnaşdy. Olara hakykata ýakynlygyna we tehniki aýratynlyklaryna görä baha berildi. «The Post» neşirine «interwýu beren» Laýli adamlar ýaly duýgulary duýmaýan hem bolsa, baýrak alandygy üçin tolgunandygyny aýtdy. Öz blogynda yzygiderli ýazgy ýazýan Kenza Laýliniň «Instagram»-da 194 müň yzarlaýjysy bar. Ýaryşda ikinji orna fransiýaly Lalina, üçünji ýere portugaliýaly Olivia C. mynasyp boldy.

Ýaryşy guraýjylar bäsleşige gyzyklanmanyň örän ýokary bolandygyny belleýärler.

**Nurmyrat REJEPOW,**
***Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.***

# TÜRKMEN ZYÝARATÇYLARY HAJ PARZYNY BERJAÝ EDIP GELDILER



Başlangyjy 1-nji sahypada.

Sadakada Arkadagly hajy Serdarymyzyň mähriban atasy Mälikguly aganyň hem-de eziz enesi Ogulabat enäniň hormatyna doga-dilegler edildi. Hajy Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan tutumly işlerinde mundan beýläk-de uly üstünlikler arzuw edildi. Bularyň ählisi döwürleriň we nesilleriň, köpasyrlyk asylly ýörelgeleriň, ata-babalarymyzyň kemala getiren dünýä nusgalyk däp-dessurlarynyň dowamatlylygynyň ýene-de bir aýdyň beýanydyr.

Din wekilleri hem-de zyýaratçylar halkymyzyň örän baý taryhy-medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi hökmünde milli däp-dessurlary dowam etdirmegiň we olaryň aýawly saklanylmagynyň ýaş nesilleriň terbiýelenilmeginde möhüm ähmiýetiniň bardygyny bellediler. Şunuň bilen baglylykda, hu ýere ýygnananlar bu meseleleriň oňyn çözülmegine döwlet derejesinde üns berilýändigi, haj parzyny ýerine ýetirmäge zerur şertleriň döredilýändigi üçin Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Haj parzyny berjaý eden ildeşlerimiziň maşgala ojaklarynda sahawatly desterhanlar giňden ýazylyp, milli tagamlar taýýarlanyldy. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetlilik, agzybirlik ýörelgelerine esaslanýan döwlet syýasatynyň üstünliklere beslenýändiginiň aýdyň nyşanydyr.

Haj parzyny berjaý eden watandaşlarymyz Gahryman hajy Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly hajy Serdarymyzyň adyna Ýüzlenme iberdiler.

Goý, ildeşlerimiziň zyýaratlary, keramatly ýerlerde edilen ybadatlar, ýurdumyzyň abadançylygynyň, halkymyzyň we tutuş adamzadyň bagtyýar durmuşynyň hatyrasyna edilen dilegler Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

# ÝEWROPA KOSMOSA DOLANDY



Ýewropa kosmos agentligi (ESA) tarapyndan işlenip taýýarlanan «Ariane 6» raketasy uçuryldy. Fransuz Gwineýasyndan uçurylan göteriji raketa bilen üç sany emeli hemra toplumy kosmosa iberildi. Taslamanyň umumy bahasy 4 milliard ýewro bolup, ýylyň ahyryna çenli ýene bir raketanyň uçurylmagyna garaşylýar. Fransiýanyň CNES kosmos agentliginiň ýolbaşçysy Filip Baptiste bu waka «Ýewropa kosmosa dolandy» diýen sözler bilen baha berdi.

Göteriji raketa «Airbus AIR.PA» we «Safran SAF.PA» kompaniýalary tarapyndan bilelikde döredilen «ArianeGroup» tarapyndan işlenip taýýarlandy. Ilkibaşda raketanyň 2020-nji ýylda uçurylmagyna garaşylýardy. Mundan ozalky «Ariane 5» raketasy bir ýyldan gowrak wagt ozal ulanyşdan galdyryldy.

2010-njy ýyldan soň kosmos pudagynda hususy kompaniýalaryň peýda bolmagy bilen kosmosa emeli hemralary, ýük we adam ugratmak ep-esli derejede arzanlady. Bu bolsa bäsdeşligi örän ýitileşdirdi. Netijede, döwlete degişli kosmos agentlikleri hususy kompaniýalar bilen has ýiti bäsdeşlige girmeli boldular. Ýewropa döwletleri emeli hemralaryny bu ugurda öňdebaryjy hasaplanýan «SpaceX» kompaniýasynyň «Falcon 9» raketasy bilen kosmosa uçurmaly boldy. Bu kompaniýa geçen ýyl 96 raketa uçurdy. Şu ýylyň başyndan bäri bolsa, 70-e golaý raketa kosmosa uçuryldy. Emma olaryň köpüsi kompaniýanyň özüne degişli bolan «Starlink» emeli hemralarydyr. Häzirki wagtda özbaşdak kosmos bekedini guryan we kosmosy özleşdirýän Hytaý bolsa, geçen ýyl jemi 67 uçuşy amala aşyrypdyr.

Ýewropa Kosmos agentligine 22 döwlet agza bolup, «Ariane 6»-dan geljekde her ýylda 12 sanysy uçurylar. ESA has kiçi raketa taslamalaryny hem durmuşa geçirmegi meýilleşdirýär.

# ATGULAK – DERMANLYK ÖSÜMLIK

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe häzirki zaman lukmançylygynda dermanlyk ösümlikler giňden peýdalanylýar. Olaryň köpüsi birnäçe keselleri bejermekde möhüm serişde bolup hyzmat edýär. Ynsan hem islendik janly organizim ýaly ösümlik dünýäsi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr hem-de biologiki nukdaýnazardan oňa has ýakyndyr.

Biziň güneşli Diýarymyz dermanlyk ösümliklere örän baýdyr. Şeýle dermanlyk ösümlikleriň biri hem ekin ýerlerinde, ýol gyralarda, dag-düzlerde ýetişýän atgulakdyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli, ylmy-ensiklopedik kitabynda hem türkmen tebigatynyň ösümlik dünýäsinde ähmiýetli orny eýeleýän atgulak barada gymmatly maglumatlar öz beýanyny tapýar. Atgulakdan dürli melhemleri taýýarlamagyň we ulanmagyň usullary barada gürrüň berilýär. Bu ösümlik irki zamanlardan bäri dermanlyk maksatlar üçin peýdalanylyp gelinýär. Onuň terapewtiki ulanylyşy örän giňdir. Ösümlik baradaky ilkinji maglumatlar Abu Ali ibn Sinanyň dünýä belli «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» we Abu Reýhan Birunynyň «Lukmançylykda farmakognoziýa» eserlerinde berilýär. Atgulagyň ýapragy gany togtatmakda, örgünli gijilewük (krapiwnisa) keseli bilen kesellänleri bejermekde giňden peýdalanylýar. Ösümligiň ýapragy, köki we tohumy bagyrdaky, böwrekdäki hem peşew haltasyndaky dykyn almalary açýandygy barada Muhammet Hüseýin özüniň belli «melhemler hazynasy» işinde beýan edýär.



Atgulagyň dürli görnüşleriniň dünýäde, takmynan, 270, Türkmenistanda 10-a golaý görnüşi gabat gelýär. Ösümlik başgaça «bilguşa», «ýaradert» diýlip hem atlandyrylýar. Emma onuň ýolsakçy atlysy hem bar. Onuň özüne mahsus aýratynlygy bolup damarlary maýda, ýapragy beýleki atgulaklara garanyňda ýaýbaň we uly bolýar. Lukmançylykda atgulagyň ýapragy we tämiz oty dermanlyk çig mal bolup hyzmat edýär. Ösümligiň ähli görnüşleri ulanylman, onuň diňe bir görnüşi, ýagny damary sary we ýogyn bolany dermanlyk hökmünde ulanylýar. Ony aşgazany agyrýan adamlara ezip içmeklik maslahat berilýär.

Gadymy döwürlerde söweşden soň ýigitler bu otuň suwuna matany ezip, ýaralanan ýerlerine daňar ekenler. Ýaňy çykan ter ýapraklaryny bolsa çeýnäp iýer ekenler. Ýolda ýöräp ýadan wagtyň, endamyňa agyry aralaşanda şol otuň ýapragyndan ýolup, ony birneme ýenjip, ökjäniň aşagynda goýsaňyz ol ýadawlygyň aýrylmagyna gowy täsir edýär. Atgulagyň guradylan ýapragyndan çaý edilip içilen mahalynda ol siziň ganyňyzy arassalaýar. Şeýle-de, iç kesellerine, bagyr hem böwrek kesellerine dur bolmarsyňyz. Türkmen halk lukmançylygynda atgulagyň täze oty dokuzdonlyda we çybanda, şeýle-de üsgülewügi dep ediji serişde hökmünde giňden ulanylýar.

Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmekde we dünýä ýaýmakda giň gerimli işleri amala aşyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, peder ýoluny üstünlikli dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun! Watanymyzyň şan-şöhratyny dünýä ýaýmak ugrunda alyp barýan işleri mundan beýläk-de üstünliklere beslensin!

**Gurbandurdy ÖWEZOW,**
***Babadaýhan etrap hassahanasynyň baş lukmany.***

# BÜTINDÜNÝÄ ILAT GÜNI: SANLAR WE MAGLUMATLAR

1989-njy ýyldan bäri, her ýylyň 11-nji iýulynda Bütindünýä ilat güni bellenilýär. Bu sene 1987-nji ýylyň 11-nji iýulynda dünýä ilatynyň 5 milliarda ýetmegi bilen baglydyr. Ilat güni gender deňligi, garyplyk, enäniň saglygy we adam hukuklary barada habardarlygy ýokarlandyrmak maksady bilen döredildi.

Maglumatlara görä, häzirki wagtda dünýäniň iň köp ilatly döwleti Hindistan bolup, ýurtda 1 milliard 428 million 627 müňden gowrak adam ýaşaýar. 2022-nji ýyla çenli bu ugurda birinji bolup gelen Hytaýyň bolsa, 1 milliard 425 million 671 müň töweregi ilaty bar.



Dünýäniň ykdysady taýdan ösen ýurdy bolan ABŞ-da 340 milliona golaý ilat ýaşaýar. Bu 3 ýurt dünýä ilatynyň 39,7 göterimini emele getirýär. Niger we Merkezi Afrika Respublikasy ilat sanyna görä iň köp çaganyň bar ýurtlary bolupdyr. Bu ýurtlaryň ýaşaýjylarynyň 55,5 göterimi 18 ýaşyndan kiçi. Bu ugurda Afrika ýurtlary öňdeligi eýeleýär. Çad bilen Malide hem çagalar ilatyň 54 göteriminden köp bölegini düzýär. Koreýa Respublikasy bolsa iň az çagaly ýurtdur. Ýurduň ýaşaýjylarynyň 13,9 göterimini 18 ýaşa çenli topar emele getirýär. Bu görkeziji Ýaponiýada 14,1, Singapurda 14,2 göterim. Dünýä ýurtlarynda bolsa, ilatyň 29,8 göterimi çagalardyr. Ýewropa ýurtlarynda bolsa, iň köp çagaly ýurt 23,3 göterim bilen Irlandiýa bolupdyr. Iň az çagaly ýurt bolsa Italiýa (15,1 göterim) bolupdyr.

Umumy ilatyň arasynda ýetginjekleri emele getirýän 15-24 ýaş aralygyndaky ýaşaýjy sany boýunça Siriýa birinji bolupdyr. Ýurduň ilatynyň 24,1 göterimi bu ýaş aralygyna degişli. Sanawyň soňky basgançagyny 6,8 göterim bilen Ukraina eýeläpdir.

Ýurduň ýaşaýjylarynyň arasynda 65 ýaşdan ýokary bolan ýaşuly nesliň görkezijisi babatda Monako birinji ýeri eýeleýär. Ýurduň ilatynyň 35,8 göterimi 65 ýaşdan uly. Bu görkeziji Ýaponiýada 30,1, Italiýada 24,5 göterime deň. Ýaşuly ilatyň iň az ýurdy Katar (1,6 göterim) bolupdyr.

Çaga doglușy babatda Niger 6,67 çaga bilen birinji boldy. Bu görkeziji bir zenanyň ömrüniň dowamynda dünýä inderýän çagasynyň sanyny aňladýar. Bu sanawyň iň soňky basgançagynda 0,88 çaga bilen Koreýa Respublikasy bar. Dünýäde ortaça görkeziji bolsa, 2,31 çaga bolupdyr.

# ROBOT DEMIRÝOLÇY IŞE BAŞLADY

Tehnologiýa babatda ösen ýurtlaryň biri bolan Ýaponiýa demir ýol gatnawynyň hem ösen ýurdy hasaplanýar. Ýurtda demir ýol infrastrukturasynda işledilmek üçin boýy 12 metre ýetýän äpet robot işlenip taýýarlandy. Ýük ulagyna berkidilen robot demir ýoluň elektrik geçirijilerini abatlaýar. Ulagdaky operator enjama göz hökmünde ýerleşdirilen kameralary arkaly oňa gözegçilik edýär. Operator munuň üçin hyýaly hakykat äýnegini dakýar. Robot reňk guýlan gutyny, çotgany, bycgyny we



ýiti gurallary ulanyp bilýär. Günbatar Ýaponiýa demir ýollary edarasynyň ýolbaşçysy Kazuaki Hasegawanyň aýtmagyna görä, robot, ilkinji nobatda, elektrik liniýasyna zyýan ýetirip biljek agaç şahalaryny kesmekde we elektrik geçirijilerini abatlamakda peýdalanylar.

Kazuaki bu robotyň işçileriň arasynda ýüze çykyp biljek tok urmak ýa-da gaçmak ýaly hadysalaryň öňüni aljakdygyny mälim etdi. «Nippon Signal» hem-de «Jinki Ittai» kompaniýalary tarapyndan işlenip taýýarlanan robot ýurduň garraýan ilaty sebäpli ýüze çykyp biljek işçi ýetmezçiligini hem öňüni alar.

Maglumatlara görä, soňky 13 ýyldan bäri ýurduň ilaty azalýar.

**Jahan MYRADOWA,**
***Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.***

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 12-si, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114362
Belgisi: 28/1594
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# MAGTYMGULY, SÖZ BINÝADYŇ...



Şygyr okamagy gowy görsem-de, Pyragynyň şygryýeti ýöne okap geçiläýmeli däldigi üçin, diňe bir adamyň ykbaly däl, diňe bir milletiň ykbaly däl, bütin adamzadyň ykbaly çözlenilýändigi üçin her kimi golaýyndan eltmeýän bolmaly.

Aslynda, zenan bolup ol goşgulary sesli okamaga bogny ysan tapyldymyka?! Göwnüme bolmasa, Pyragynyň şygyrlaryny sesli okamak üçin atyň kellesi ýaly ýüregiň bolmaly. Bolmasa, Magtymgulynyň kitaby her türkmeniň öýünde bar ahyry. Onuň aýdyma öwrülen goşgularyny ussat bagşylar toýlarda, dabaralarda aýdýarlar diýäýmeseň, ol şygyrlary gaty sesi bilen, bogny ysyp, okaýan az-az. Munuň sebäbi nämedenkä?!

Türkmen teatr sungatynyň ägirtleri Aman Gulmämmedow, Hajy Annamämmedow, Mälikguly Kepbanow, Hommat Müllikow, Aman Baýramberdiýew, Ata Alowow, türkmen radiosynyň ussady Juma Ýazmyradow dagynyň okan, türkmen radiosynyň altyn hazynasynda saklanylýan goşgulary diňläp, oýa batýaryn: «Dürli sesde, dürli kalplardan çykan owazlarda okalan goşgular. Magtymgulynyň goşgularyna aralaşmaga ýürek eden bu ussatlaryň haýsy biri akyldara düşünip, onuň ruhy dünýäsini açyp bildikä?!».

Magtymguly Pyragynyň teatr sahnasyndaky keşbini janlandyran, şahyryň şygyrlarynyň okalyş aýratynlygyny inçelik bilen yzarlaýan Türkmen döwlet medeniýet institutynyň uly mugallymy, Türkmenistanyň halk artisti Muhammetguly Kasymow bilen bu barada pikir alşanymyzda, onuň akyldaryň şygryýeti baradaky aýdanlary meniň köp sowallaryma jogap boldy.

***– Goşgy okamak aktýoryň ussatlygynyň bir ugry bolup durýar. Şygra düşünmek, goşgyny labyzly hem ussatlarça okap bilmek artist bolasy gelýän talyplara okuwlarynyň ilkinji ýyllarynda öwredilip başlanýar. Şonda-da Magtymgulynyň şygyrlaryny köpçülikde okamaga her artist ýapyşybermeýär. Näme üçinkä?!***

– Tebigat her kime birhili ses beripdir. Magtymgulyny okamak üçin, ilki bilen sesiň gabat gelmeli. Onsoň, şahyryň şygyrlaryny gaýtalap-gaýtalap okamaly. Manysyna düşünjek bolmaly. Şahyryň şygyrlary göräýmäge düşnükli ýaly, halkyň diline golaý. Bir bellemeli zat, Magtymguly Pyragy özünden öňki hem-de öz döwründe ýaşap geçen şahyrlaryň içinde halkyň diline has golaý ýazan şahyr. Ondan öňki edebiýata ýüzlenseň, bize has düşnüksiz, alynma sözler köpdür. Olar Magtymgulyda-da azdakände bar, ýöne manysyna düşünse bolýar.

Şu wagta çenli Magtymgulynyň şygyrlaryny okap, ýazgylarda sesleri galan halypalaryň hersi şahyryň içki dünýäsini özüçe gözläpdir. Her halypanyň öz ýasan Magtymgulusy bar. Belki, bu şeýle-de bolmalydyr. Ine, mysal üçin, Hajy Annamämmedowy alyp göreliň. Hajy aganyň özünde-de, sesinde-de mähir köp bolansoň, şol mähir onuň goşgy okaýşyna hem geçipdir. Ol şahyryň goşgularyny ýönekeýrägem okaýar weli, gelşip dur. Çünki, mahmaldan gelen mähirli sesiň içki güýji diňleýjini maýyl edýär. Ata Alowow öz häsiýeti boýunça hemişe hyjuwly adam bolansoň, ol goşgulary okanynda duýguçyl Magtymgulyň keşbi ör-boýuna galýar. Hommat Müllük okanda, paýhasly Magtymguly göz öňüňe gelýär. Ol kalpdan gaýdýan pessaý sesi bilen okaýardy. Ol şygyr okanda duýga däl-de paýhasa üns berýärdi. Aman Baýramberdiýew goşgy okanda, liriki Magtymguly janlanan ýaly bolýardy. Gaty bir belent ses hem däl welin, aşyk Magtymgulynyň söýgüsi diňleýjä ýetýärdi. Ana, şol ägirtlerden soň Pyragynyň şygyrlaryny köpçülige okamak gaty jogapkärçiligi, yhlasy talap edýär.

> ***Magtymguly Pyragynyň galyň kitabyny elime alýaryn. Şahyryň setirlerini gözüm bilen yzarlap ugraýaryn. Goşgulary içimden okaýaryn, daşymdan, sesli okamaga çekinýärin... «Manysyna, çuňlugyna doly düşünmän, ol goşgulary sesli okamaga hakym beri barmyka?!» diýip oýlanýaryn...***

***– Bir gezek Juma Ýazmyradow şeýle diýipdi: «Magtymgulyny okamak her kese başardýan zat däl. Meniň özüm hem radioýaýlymlarda akyldaryň şygyrlaryny ýüzlerçe gezek okan hem bolsam, şol döwürler ol şygyrlary okamaga taýyn däl ekenim. Indi, şahyryň käbir goşgularyny okamagy başarmagym mümkin...» Şol sözleri aýdanda halypa segsen ýaşy tegeläpdi. Siziň pikiriňizçe, halypalaryň haýsy biri Magtymgulynyň şygyrlaryny dogry okadyka?!***

– Dogry okalan... Hemmesini diňleseň hem özboluşly ýakymly. Şol halypalaryň seslerindäki şahyrana labyzda Magtymguly Pyragynyň içki dünýäsi özboluşly açylýar. Şol sesleriň hemmesiniň aňyrsynda beýik şahyra hormat dur. Türkmeniň akyldaryna sarpa bar, buýsanç bar. Hajy aganyň gülüp, bir wakany gürrüň berýändigi ýadymda. Halypalar Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryny dogry hem manyly okamakda özara bäsleşer ekenler. Bir gün Hajy Annamämmedow Mälikguly Kepbanowa:

– Sen Magtymgulyny okanyňda, maňa meňzejek bolýarsyň, maňa öýkünip okaýarsyň – diýipdir. Degişmä düşünen Mälikguly Kepbanow:

– Hawa, saňa öýkünip okaýaryn, üstüne öz zehinimi hem goşýaryn weli, men senden has ýokarda bolýan duruberýän – diýip, äwmezlik bilen jogap beripdir. «Baý, şonda meni duzlad-ow» diýip, Hajy aga soň-soňlar hem artistleriň üýşen ýerinde şol wakany gyzykdyryp aýdyp berýärdi.

***– Umuman, goşgy okalanda, nämä üns bermeli?***

– Ilki bilen sözleriň basymyny dogry goýmaly. Men sözüň basymyny dutaryň perdesine meňzedýärin. Perdäni dogry basmasaň, başga ses çykýar. Sözlemdäki sözleriň hem basymy dogry ulanylmasa manysy üýtgeýär. Goşgy hem şeýle. Sözleriň basymyny, aýdylyş äheňini ýerinde goýup aýtsaň, diňläp oturan adamyň maňzyna batýar. Goşgynyň içindäki pikir diňleýjä baryp ýetýär. Şahyrlaryň sözleri, setirleri nähili yhlas bilen saýlaýandygyny Kerim Gurbannepesowyň «Zehiniň hötjetligi» goşgusynda duýmak bolýar. Şahyr ýeke setir üçin näçe azap çekýär. Ana, şoňa düşünmeli. Goşgynyň öňündäki jogapkärçiligi duýmaly.

***– Siz Magtymgulynyň keşbinde şahyryň goşgularyny okaýarsyňyz. Aktýor okasa şahyryň goşgulary has düşnükli eşidilýän ýaly...***

– Elbetde, aktýor okasa, goşgy diňleýji üçin has düşnükli, täsirli bolýar. Durmuşda, toýlarda, üýşmeleňlerde käbir adamlara gabat gelýärsiň. Tüweleme, Magtymgulynyň gaty köp goşgusyny ýatdan bilýärler. Ýöne olaryň okaýşy sende az täsir galdyrýar. «Şu setirleri Hajy Annamämmet, Hommat Müllük, Ata Alow okan bolsa, şu wagt nähili täsirli bolardy» diýip içiňden pikir edeniňi duýman galýarsyň. Aktýoryň goşgyny beýleki adamlardan täsirli okamagynyň sebäbi bar. Ilki bilen sözleriň aýdylyş usullaryny öwrenmek, sözleri täsirli aýtmak olaryň kesp-käri. Olar bütin ömrüne sözleriň manysyny beýnisi bilen öwrenýär, onsoň ony ýüreginden geçirýär. Ýürekde eýlenen sözleri bolsa zybana-dile getirýär. Magtymgulynyň goşgularyna gezek gelende olar has hem oýlanyşykly çemeleşýärler. Şahyryň goşgularyny okamak üçin aktýoryň bilim derejesi ýetik bolmaly. Halypalarymyň öwredişi ýaly, ol goşgulary ýüregimden geçirip okamaga çalyşýaryn.

***Magtymguly, söz binýadyň,***
***Dilinde ýakynyň-ýadyň.***
***Hünär ýok, söz bilen adyň,***
***Halk içinde belli görner.***

Söz bilen binýat guran ussadyň sözlerini dogry hem ýürekden okamaly. Indi özüm birnäçe ýyl bäri teatr sungatyna ykballaryny baglasy gelýän ýaş talyplara şu ugurdan sapak berýärin. Halypalarymyň maňa öwredişi ýaly, men hem öz şägirtlerime Magtymgulynyň şygyrlaryny dogry okamagy öwredýärin. Artist üçin goşgy okap bilmek, goşgynyň içki owazyny gözläp, tapyp bilmek wajyp. Diýmek, türkmen ýaşlaryna, türkmen artistine Magtymgulynyň goşgularyny okap bilmek, onda-da, dogry okap bilmek zerur diýip düşünýärin. Şahyryň yşky-liriki goşgulary tüýs ýaşlar üçin. Onsoň ýuwaş-ýuwaş pelsepewi goşgulara geçibermeli. Magtymgulynyň şygyrlarynyň temasy dürli-dürli. Söýgi, watançylyk, ahlak, dini, dünýewi... goşgular. Akyldar şahyr jemgyýetdäki ähli zatlar hakynda pikir ýöredipdir. Şu zatlara, şu şygyrlara düşünjek bolmak, şoňa ymtylmak kalbyňy arassalaýar, içki dünýäňi baýlaşdyrýar.

Ýöne käte ýaşlaryň arasynda şahyryň setirlerini gödeklik bilen bozup okaýanlaryny eşideniňde nebsiň-janyň agyrýar. «Türkmeniň» goşgusyndan bir bendi mysal alalyň:

***Ol merdiň ogludyr, mertdir pederi,***
***Görogly – gardaşy, serhoşdyr seri,***
***Dagda-düzde kowsa saýýatlar, diri***
***Alabilmez, ýolbars ogly türkmeniň.***

Şu setirler dogry okalmasa, manysy üýtgeýär. Birinji hem ikinji setiriň soňunda berilýän dyngyny üçünji setiriň ahyrynda-da berseň, goşgy ýoýulýar. Näme etmeli? Soňky iki setiriň arasyny bölmän okamaly. Ritmiň, owazyň bölünmezligi üçin, «diri» sözünden soň, çala säginip, derrew dördünji setire geçmeli. Eger şeýle edilmese, onda «dagda-düzde diri saýýatlar (awçylar) ýolbars ogly türkmeni alabilmez» manyny berýär. Emma Pyragy «dagda-düzde kowsa saýýatlar, ýolbars ogluny diri alabilmez» manysynda ýazan bolmaly. Çünki, bu ýerde mert ýigidiň öz garşydaşynyň eline diri düşmejekdigi hakynda aýdylýar. Diri awçy hakynda däl. Kowalaýan saýýadyň diri boljakdygy hemmä mälim ahyry. Ýöne şygyrdaky basymlar, dyngy belgiler ters aýdylanda, diýiljek bolunýan pikirden düýpgöter daşlaşdyrýar. Şonuň üçin hem akyldar şahyryň şygyrlarynyň dogry okalmagyny gazanmaly. Ýaşlara düşündirmeli. Olara şu ugurdan kömek berseň, soň olar Magtymgulynyň şygryýet dünýäsinde ýollaryny dowam ederler. Olar hem öz gezeginde öz şägirtlerine şu mekdebi geçirerler.

Muhammetguly Kasymow bilen söhbetdeşlikden soň, çuňňur oýa batdym: «Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryny okamak giden bir sungat oguşýa...».

Magtymgulynyň dünýäsi her ussada özüçe täsirlenme berýän bolmaly. Ýene bir waka ýadyma düşýär. Türkmeniň söýgüli şahyry Gurbannazar Ezizowyň ejesi Gülnabat daýza ogly hakynda şeýle gürrüň beripdi: «Onuň ýeke özi kitap okap oturandyr, dürli milletleriň ýazyjy-şahyrlarynyň kitaplary töwereginde tom-tom durandyr. Ýanyna barsam:

– Eje, gel, oturyber şu ýerde – diýip, şo-ol okar oturardy. Içinden okaýardy. Magtymgulynyň goşgularyny bolsa daşyndan okaýardy.

– Oglum, näme üçin hemme kitaplary içiňden okap, Magtymgulyny daşyňdan okaýarsyň? – diýsem:

– Eje, Magtymgulyny içiňden okamak mümkin däl. Ol meniň içime syganok – diýýärdi. Haýran galardym».

Göz öňümden birtopar keşpler geçýär: Gurbannazar Ezizow: «Magtymguly meniň içime syganok...», Juma Ýazmyradow: «Magtymgulyny okamak her kese başardýan zat däl», Muhammetguly Kasymow: «Bu goşgulary okamak üçin bilim derejäň ýetik bolmaly».

Magtymguly Pyragynyň galyň kitabyny elime alýaryn. Şahyryň setirlerini gözüm bilen yzarlap ugraýaryn. Goşgulary içimden okaýaryn, daşymdan, sesli okamaga çekinýärin... «Manysyna, çuňlugyna doly düşünmän, ol goşgulary sesli okamaga hakym beri barmyka?!» diýip oýlanýaryn...

**Gülälek AKMYRADOWA,**
*Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň režissýory, Türkmenistanyň halk artisti.*

## «GÖRK – AGYZDAN...»

Sagdyn bolmak üçin esasy şertleriň biri hem, kadaly, arassa iýmitlenmek we fiziki taýdan işjeň ýagdaýda bolmakdyr. Sagdyn iýmitlenmek süýjüli diabetden, ýürek-gan damar kesellerinden, insultdan hem-de beýleki ýokanç däl kesellerden adam bedeniniň goragyny üpjün edýär.



Bütin dünýäde ilat arasynda semizligiň we artykmaç agramyň görkezijileri artýar. Munuň öňüni almak üçin iýýän iýmitimize aýratyn üns bermelidiris. Her gün möwsümleýin bişýän ter gök önümleri, miweleri köpräk iýmeli hem-de iýmitiň düzümine kösükli, däneli önümleri, maňyzlary goşmaly. Kösükliler we maňyzlar ösümlik beloklarynyň esasy çeşmesidir. Rafinirlenen krahmalyň, şekeriň, ýaglaryň we duzuň ulanylmagyny iýmitiň düzüminde mümkin boldugyndan azaltmaly. Iýmit rejesinde beloklar, ýaglar we uglewodlar 1: 1:4 gatnaşykda bolmaly. Sebäbi ýaglar öýjük gurluşyna, deri örtüginiň saglygyna, käbir witaminleriň özleşmegine we iýmitden kanagatlanma duýgusynyň emele gelmegine ýardam berýärler. Doýgun däl ýaglaryň doýgun we transizomerli ýaglardan peýdalydygyny her bir adam, esasan hem, öý bikeleri bilmelidirler. Doýgun däl ýaglar, ýagny balygyň, maňyzlaryň, günebakaryň, zeýtunyň ýagy sagdyn iýmitlenmegiň bir bölegidir.

Etdäki we mesgedäki ýaglar doýgun ýaglardyr. Bulary iýmitde çäklendirmeli. Mesgäni hünärmenleriň, ýagny berhiz lukmanlarynyň maslahat berýän kesgitli mukdarynda ulanmaly. Düzüminde ýag bolmadyk et böleklerini ulanmaly. Iýmitiň düzümine balyk hökman goşulmalydyr. Balyk belogyň, witaminleriň we omega-3 doýgun däl turşularyň çalşyryp bolmaýan çeşmelerine degişlidir.

Önümler sowadyjyda saklanmalydyr. Öýde tagamlary ýygy-ýygydan, gerekli mukdarda taýýarlamaly. Iýmit önümleriniň haçan öndürilendigi we saklanyş möhleti baradaky maglumatlary okamagy endik edinmeli. Günüň dowamynda azyndan 30 minut fiziki taýdan işjeň ýagdaýda bolmaga çalyşmaly.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## HEMMÄMIZIŇ BORJUMYZ

Şu günler howanyň aşa gyzmagy bilen baglylykda, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy ýaşaýyş jaýlarynda, iş ýerlerinde elektrik we gaz enjamlaryny talabalaýyk gurnamaga, ulanmaga we ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmäge çagyryp, şulary ýatladýar:

Işläp duran elektrik we gaz enjamlaryny gözegçiliksiz galdyrmak örän howpludyr. Elektrik sarp edijiligi ýokary bolan elektrik enjamlar gurnalanda elektrik tok ulgamy aýratynlykda geçirilip, elektrik tok geçiriji ugrunda goraýjy oturdylyp, olaryň işleýän wagty gözegçilikde saklanmaly. Elektrik enjamlar gurnalanda, elektrik geçirijileriň sütünleri berkidilende ýönekeý usulda sarap goýmak gadagan edilýär. Enjamlaryň birikdirijileriniň elektrik togunyň garşylyklaýyn geçip, gyzmaklygynyň öňüni almak üçin, olaryň berk gysylyp durmagyny üpjün etmeli. Elektrik togy bilen işleýän enjamlar gurnalanda, ulanylanda elektrik setini köp işletmek, elektrik geçirijileriň, enjamlaryň goraýjylaryny näsaz ýagdaýda saklamak ýa-da olara bölek sim sarap ulanmak, elektrik geçiriji simleriň daşky örtükleriniň zaýalanan görnüşlerini ulanmak talabalaýyk däldir. Elektrik enjamlary gurnamaklyk diňe şol ugurdan işleýän hünärmen tarapyndan amala aşyrylmalydyr, enjamlaryň iş ýagdaýlaryna yzygiderli gözegçilik edilmegini ýola goýmaly.



Mähriban ildeşler! Ýangyny gören ýa-da duýan wagtyňyz, howsala düşmän öý ýa-da iş telefonyndan 01, öýjükli ykjam el telefonyndan 001 belgä jaň edip, habar bermeli. Elektrik we gaz enjamlary gurnalanda hem ulanylanda ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini dürs berjaý etmek ýüze çykyp biläýjek hadysalaryň öňüni alar. Çünki, ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek, howpsuzlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen anyk çäreleri ýerine ýetirmekden ybaratdyr.

*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýanyndaky Ýangyn howpsuzlygy müdirliginiň wagyz-nesihat bölümi.*

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Emeli aňa bagyşlanan maslahat.** Şanhaýda 4-7-nji iýul aralygynda emeli aň boýunça VII Bütindünýä maslahaty geçirildi. Çärä bütin dünýäden 500-den gowrak myhman gatnaşdy. Maslahatda iki müň töweregi innowasion tehnologiýalar bilen tanyşdyryldy. Olaryň arasynda adamsypat robotlar, uçarmansyz ulaglar we dronlar bar.



**Rekordy täzelän ýol.** Hytaýda birbada 10 sany dünýä rekordyny täzelän ägirt uly Şençžen-Çžunşan deňiz ýoly açyldy. 24 kilometrlik ýol 2 şäheriň arasyndaky ýoluň wagtyny iki sagatdan 30 minuta çenli azaldar. Taslamanyň gurluşygy ýedi ýyl dowam etdi we umumy çykdajylar 1,5 milliard dollar boldy.



**Faraonyň ýüz keşbi dikeldildi.** Braziliýaly dizaýner Sisero Morais gadymy müsür faraony Ramzes II ömrüniň soňky ýyllaryndaky keşbini döretdi. 3D nusgany döretmek üçin Morais faraonyň Müsür muzeýinde saklanýan kelleçanagyny ulandy. Ramzes II Müsüri miladydan öň 1279-njy we 1213-nji ýyllar aralygynda dolandyrypdyr.



**Aýa adam ibermekçi.** Hindistanyň Kosmos barlaglary guramasy (ISRO) öz astronawtlaryny Aýa ibermek üçin raketa göterijileriň täze neslini işläp taýýarlamaga girişdi. Bu barada ISRO-nyň başlygy Şridhara Paniker Somnath aýtdy. «Sýurýa» diýlip atlandyryljak hindi kosmos gämisini 2040-njy ýyla çenli Aýyň üstüne ibermek meýilleşdirilýär.



**Yssy sebäpli kofe gymmatlady.** Dünýäde kofeniň bahasy ýylyň ikinji çärýeginde 18-20 göterim gymmatlady, muňa Aziýadaky adatdan daşary yssy howa sebäp boldy. Aprelden bäri Wýetnamda, Tailandda we Filippinlerde howanyň derejesi kadadan ýokary bolmagynda galýar.



**Ýitirilen Tuam şäheri tapyldy.** BAE-de arheologlar gadymy şäheriň harabalyklaryny tapdylar, olar muny arap çeşmelerinde agzalýan, ýitirilen Tuam şäheri bolmagy mümkin diýip hasaplaýarlar. Açyş Umm-el-Kuweýn sebitinde ýerleşýän Al-Sinniýa adasynda ýüze çykaryldy. Tuam şäheri VI asyrda gülläp ösüpdir.



**Syýahatçylyk salgydy ýatyryldy.** 2023-nji ýylyň tomsunda Tailandyň hökümeti daşary ýurtly syýahatçylardan 8 dollar ýygym almagy tassyklapdy. Bir ýyldan soň ýurduň Premýer-ministri Sretta Tawisin öňki administrasiýa tarapyndan teklip edilen bu pikirden el çekilýändigini mälim etdi diýip, «The Nation» web saýty ýazýar.



**Geljegiň kaşaň uçary.** «Sirius Aviation» atly şweýsar startapy öz işläp taýýarlan futuristik uçarynyň nähili boljakdygyny görkezdi. 28 per bilen enjamlaşdyrylan «CEO Jet» uçary dikligine uçup-gonup, tizligini sagatda 515 kilometre ýetirip biler. Ol wodorod ýangyç elementlerinde işlär diýip, «New Atlas» web saýty ýazýar.



**Teýlor Swiftiň ady dakylar.** Germaniýanyň Gelzenkirhen şäheriniň ady amerikaly aýdymçy Teýlor Swiftiň hormatyna wagtlaýynça Swiftkirhen diýlip üýtgedildi. Bu aýdymçynyň «Eras Tour» atly dünýä boýunça konsert çykyşlarynyň çäklerinde Germaniýa sapary bilen baglydyr. Okuwçy gyz Karin Welgeniň şäheriň adyny üýtgetmek baradaky teklibi tiz goldaw tapdy.




**Tisianyň eseri satyldy.** «Christie's» auksionynda dünýä belli italiýaly suratkeş Tisian Weçellionyň «Müsür ýolundaky dynç alyş» atly kartinasy rekord bahadan 22,2 million dollara satyldy. 1512-nji ýylda çekilen bu kartinada Bibi Merýemiň, Ýusubyň we Isanyň Wifleýemden gidişi şekillendirilýär.



# Masud Pezeşkian ýeňiş gazandy

5-nji iýulda Eýranda geçirilen nobatdan daşary Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda reformaçy dalaşgär, öňki saglygy goraýyş ministri Masud Pezeşkian ýeňiş gazandy.

Saýlawlaryň netijelerine görä, Pezeşkian 16 million 384 müňden gowrak (54,76 göterim) saýlawçynyň sesini aldy. Eýran Yslam Respublikasynyň lideriniň ýanyndaky Ýokary milli howpsuzlyk geňeşiniň wekili, konserwator Said Jalili bolsa, 13 million 538 müňden gowrak (45,24 göterim) ses aldy.

Resmi maglumatlara görä, saýlawlara gatnaşyk 49,68 göterim bolup, ikinji tapgyra 30 million 530 müňden gowrak saýlawçy gatnaşdy.

Eýranda ýurduň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň Baştutanynyň aradan çykmagy bilen baglanyşykly möhletinden öň Prezident saýlawlary geçirildi. Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Ebrahim Raisi 19-njy maýda Gündogar Azerbaýjan welaýatynda dikuçar heläkçiliginde aradan çykdy. Dikuçarda onuň bilen birlikde ýene-de ýedi adam, şol sanda, daşary işler ministri Huseýin Amir Abdollahiýan hem bardy.

28-nji iýunda geçirilen saýlawlaryň birinji tapgyrynda ýeňiji belli bolmady, sebäbi prezidentlige dalaşgärleriň hiç biri-de sesleriň 50 göterimden gowragyny alyp bilmedi.

Masud Pezeşkian 1954-nji ýylda Eýranyň Mehabad şäherinde dünýä indi. Ol Eýranyň lukmançylyk ylymlary uniwersitetiniň «kardiohirurgiýa» bölümini tamamlap, belli bir döwürde harby lukman bolup işledi. 1994-nji ýyldan 1999-njy ýyla çenli Töwriziň luk-



mançylyk ylymlary uniwersitetine ýolbaşçylyk etdi, 2001-nji ýyldan 2005-nji ýyla çenli reformaçy Muhammet Hateminiň hökümetinde saglygy goraýyş ministri bolup işledi. 2016-2020-nji ýyllar aralygynda mejlisiň başlygynyň birinji orunbasary bolup işledi. Eýranyň täze saýlanan Prezidenti Masud Pezeşkianyň kasam kabul edişlik dabarasy 30-njy iýulda bolar.

# Täze hökümet guruldy

Zähmet partiýasy Beýik Britaniýada geçirilen parlament saýlawlarynda ýeňiş gazanandan soň, ýurduň Koroly Karl III partiýanyň Lideri Kir Starmere täze Ministrler Kabinetini düzmegi tabşyrdy. Şeýlelikde, ýurduň daşary syýasat edarasynyň başlygy wezipesine Dewid Lemmi, goranmak ministri wezipesine Jon Hili bellenildi, Reýçel Riwz bolsa ýurduň ilkinji zenan maliýe ministri boldy.

Täze Kabinet ykdysady durnuklylygy üpjün etmek, saglygy goraýyş ulgamynda garaşmagyň wagtyny azaltmak, jenaýatçylyga garşy göreşmek we arassa energiýanyň önümçiligi boýunça täze jemgyýetçilik kompaniýasyny döretmek ýaly ileri tutulýan meseleleri çözmäge ünsi jemlemekçi. Şeýle-de, Zähmet partiýasy terrorçylyga, kontrabanda we adam söwdasyna garşy göreşmegiň çäklerinde aýratyn serhet howpsuzlygy gullugyny döretmegi meýilleşdirýär. Mundan başgada, täze Kabinet Beýik Britaniýanyň mekdeplerinde mugallymlaryň sanyny 6,5 müňe çenli artdyrmak we başlangyç mekdepleri mugt ertirlik nahary bilen üpjün etmek isleýär.

4-nji iýulda Beýik Britaniýada geçirilen parlament saýlawlarynda Zähmet partiýasy ynamly ýeňiş gazanyp, onuň Lideri Kir Starmer ýurduň täze Premýer-ministri boldy.

Zähmet partiýasy 650 orunlyk parlamentde 410 orun bilen absolýut köplüge eýe boldy.



Konserwatorlar bolsa, bary-ýogy 131 orny eýeläp, bu görkeziji konserwatorlaryň iki asyrlyk taryhynda iň pes netijedir. Çünki olaryň öňki parlamentde 345 wekili bardy.

Liberal demokratlar 61, Naýjel Farajyň «Reforma» partiýasy 13, Şotlandiýanyň milli partiýasy 10, Uelsiň milli partiýasy 4, «Ýaşyllar» partiýasy 2 orna eýe boldy.

Bu syýasy çäre ýurduň Ýewropa Bileleşiginden çykanyndan soňky geçirilen ilkinji ählumumy saýlawlardyr.

# SAÝLAWLARDAKY GARAŞYLMADYK NETIJE

**7-nji iýulda Fransiýada möhletinden öň geçirilen parlament saýlawlarynda Žan-Lýuk Melanşonyň «Täze halk fronty» çepçi partiýalar topary birinji orny eýeledi. Ikinji orny Emmanuel Makronyň bileleşigi, üçünji orny Marin Le Pen bilen Žordan Bardellanyň «Milli bileleşigi» eýeledi.**

**Şeýlelikde, «Täze halk fronty» 182 orna eýe boldy. Fransiýanyň Prezidentiniň «Bilelikde» bileleşiginden 168 deputat parlamente girer. «Milli bileleşik» partiýasy bolsa parlamentdäki orunlaryň 143-sine eýe boldy.**

**Şeýlelikde, partiýalaryň hiç biri hökümet gurmak üçin ýeterlik bolan sesi alyp bilmedi. Aşaky palatada 577 orun bolup, bir syýasy partiýa ýa-da bileleşik ýekelikde hökümeti düzmek üçin parlamentde absolýut köplüge eýe bolmaly.**

**30-njy iýunda geçirilen saýlawlaryň birinji tapgyrynda sagçy «Milli bileleşik» partiýasy ynamly ýeňiş**




**gazanypdy. Şol saýlawlarda Makronyň bileleşigi diňe üçünji orny eýeläpdi. Bilermenler soňky saýlawlarda hem şeýle netijä garaşýardylar.**

# Iň uly ýahta suwa goýberiler

Dünýäniň iň uly ýahtasy boljak «Ulyssia» superýahtasy 2028-nji ýylda suwa goýberiler. «Gäminiň uzynlygy 324 metr bolup, ady rowaýata öwrülen «Titanik»-den (269 metr) has uzyn bolar» diýip, «Naked Science» web saýty habar berýär. Bu taslama belli dizaýner Espen Oýno tarapyndan işlenip düzüldi we onuň gurluşygy 2028-nji ýylyň oktýabr aýynda tamamlanar.

«Ulyssia» superýahta adyny göterýän hem bolsa, ýolagçy gämisidir. Onuň bortunda 112 inedördül metrden 930 inedördül metre çenli bolan kaşaň penthauslar ýerleşer. Her bir penthaus ýatylýan otaglar, myhman otaglary, aşhanalar we ummana bakýan giň terrasalar bilen enjamlaşdyrylandyr. «Ulyssia»-nyň gurluşygyna indiki ýyl Germaniýanyň «Meyer Werft» gämi abatlaýyş kärhanasynda başlanar. Gämi lýuks, rahatlyk we innowasiýa tehnologiýasyny utgaşdyryp, inženerçilik we dizaýn sungatynyň hakyky nusgasyna öwrüler.

Belläp geçsek, häzirki wagtda «Royal Caribbean» kompaniýasynyň «Icon of the Seas» atly gämisi iň uly kruiz gämi bolmagynda galýar. Ol uzynlygy 365 metr bolan 20 palubaly gämidir. Bu gämi şu ýylyň başynda suwa goýberilipdi.



# ABŞ-nyň IŇ GYMMAT UNIWERSITETLERI MÄLIM EDILDI

Kolumbiýa uniwersiteti Amerikanyň iň gymmat ýokary okuw mekdepleriniň sanawynda birinji orny eýeledi. Bu ýerde 4 ýyllyk okuwyň bahasy 514 müň dollara barabar. CNBC web saýtynyň maglumatlaryna görä, amerikan uniwersitetlerinde okuwyň bahasy soňky 60 ýylda üç esse ýokarlanyp, ýylda ortaça 17,7 müň dollara ýetdi. Şeýle-de bolsa iň abraýly okuw mekdeplerinde bahalar ep-esli ýokary.

Bakalawr derejesini almak bilen dört ýyllyk okuwyň bahasy boýunça ilkinji onluga şular girýär:

**Kolumbiýa uniwersiteti** – Nýu-Ýork (514 müň 442 dollar); **Nýu-Ýork uniwersiteti** – Nýu-Ýork (497 müň 402 dollar); **Jorjtaun uniwersiteti** – Waşington (472 müň 817 dollar); **Garward uniwersiteti** – Kembrij, Massaçusets (472 müň 27 dollar); **Kaliforniýa tehnologiýa instituty** – Pasadena, Kaliforniýa (458 müň 330 dollar); **Günorta Kaliforniýa uniwersiteti** – Los-Anjeles (457 müň 650 dollar); **Çikago uniwersiteti** – Çikago (455 müň 257 dollar); **Jorj Waşington uniwersiteti** – Waşington (454 müň 377 dollar); **Ýel uniwersiteti** – Täze Hawen, Konnektikut (451 müň 516 dollar); **Massaçusets tehnologiýa insti-**



**tuty** – Kembrij, Massaçusets (441 müň 948 dollar).

Bu mukdar bilim hyzmatlaryna, kampusdaky ýaşaýşa, iýmite we beýleki zerurlyklara tölegleri öz içine alýar. Şeýle-de bolsa, hakykatda talyplaryň çykdajylary mundan hem ýokarydyr.

# Täze nebit we gaz ýataklary tapyldy

**Saud Arabystanynyň energetika ministri şazada Abdulaziz bin Salman ýurduň gündogar welaýatynda we Rub al-Hali sährasynda ýedi sany täze nebit we gaz gorunyň ýüze çykarylandygyny habar berdi.**

**Ministriň aýtmagyna görä, täze nebit we gaz ýataklary ýurduň milli nebit kompaniýasy «Saudi Aramco» tarapyndan ýüze çykaryldy.**

**– Açyşlar üç nebit we üç gaz guýusynyň burawlanmagy netijesinde ýüze çykaryldy – diýip, ministr belledi.**

**Bu açyş Saud Arabystanyny dünýäniň iň uly nebit eksportçysy hökmünde ornuny berkidip biler. Häzirki wagtda ýurtda nebitiň gündelik çykarylyşy, takmynan, 10 million barrele, eksporty bolsa, her gün 7 million barrele barabar.**

**Mundan öň, BAE-niň demirgazygynda Şarja emirliginde hem tebigy gazyň geljegi uly gorlary ýüze çykaryldy. «Hadiba» täze gaz käni «Sharjah National Oil Corporation» (SNOC) tarapyndan geçirilen barlag işleriniň netijesinde tapyldy. «Hadiba» Şarjada gury ýerde ululygy boýunça bäşinji gaz känidir. Emirliklerde eýýäm «As-Sajaa», «Kahif», «Mahani» we «Muaýed» ýaly birnäçe iri gaz käni bar.**



# KOSMOS MISSIÝALARY MEÝILLEŞDIRILÝÄR

Hytaý Halk Respublikasy has uzakdaky kosmosy özleşdirmek maksady bilen täze missiýalary amala aşyrmakçy bolýar. Bu barada Hytaýyň milli kosmos dolandyryş gullugynyň (CNSA) başlygynyň orunbasary Býan Çžigan metbugat üçin maslahatda mälim etdi.

Hytaý 2025-nji ýylda asteroidleri öwrenmek maksady bilen «Týanwen-2» missiýasyny, 2030-njy ýylda Marsdan nusgalary ýygnap, Ýere getirmek üçin «Týanwen-3» missiýasyny we Ýupiter ulgamyny öwrenmek üçin «Týanwen-4» missiýasyny durmuşa geçirmegi meýilleşdirýär.

Býan Çžigan bu missiýalaryň ýurduň hökümeti tarapyndan tassyklanan planetalaryň barlaglary boýunça taslama girýändigini aýtdy. «Týanwen-1»-iň ilkinji missiýasy 2021-nji ýylda doly üstünlik gazandy.

Hünärmen HHR-iň planetalaryň barlagy boýunça geljekki wezipeleriniň, esasan, Gün ulgamynyň gelip çykyşyny we ewolýusiýasyny, kiçi asman jisimleriniň we Gün işjeňliginiň Ýere ýetirýän täsirini öwrenmek we Ýerden daşardaky ýaşaýyş hakynda subutnamalary gözlemek ýaly esasy ylmy maksatlara gönükdiriljekdigini aýtdy.

Mundan başga-da, «Chang'e-7» zondy Aýyň günorta polýusynda barlag işlerini amala aşyrar, «Chang'e-8» bolsa, Aý gorlaryny ulanmak boýunça tehnologik synaglary geçirer.

Býan Çžigan Hytaýyň Halkara Aý barlaglary stansiýasy-



ny gurmak üçin halkara hyzmatdaşlary bilen bilelikde işleşjekdigini hem-de Aý barlaglary boýunça ylmy we tehnologik üstünlikleri paýlaşmakçydygyny aýtdy. Şeýle hem häzirki meýilnamalara agyr ýük göteriji raketalar hem-de gaýtadan ulanylýan kosmos ulag ulgamlaryny işläp düzmek girýär.

# TARYHDA ŞU GÜN

**1904-nji ýylyň 12-nji iýulynda çilili beýik şahyr Pablo Neruda dünýä inýär. 10 ýaşynda goşgy ýazyp başlan Neruda 20 ýaşynda öz Watanynda meşhur bolýar. «Ýürekdäki Ispaniýa», «Ählumumy aýdym» ýaly goşgular ýygyndysy oňa bütin dünýäde meşhurlyk getirýär. Pablo Neruda ömrüniň dowamynda 40-dan gowrak ýygyndy çap etdirdi we aradan çykmazdan iki ýyl öň 1971-nji ýylda Nobeliň edebiýat boýunça baýragy bilen sylaglandy.**



# AWTOMATLAŞDYRYLAN KONWEÝER GURMAKÇY

**Ýaponiýanyň hökümeti ýük daşamak maksady bilen 500 kilometre uzaýan awtomatlaşdyrylan konweýeri gurmagyň meýilnamasyna garaýar. Göz öňünde tutulýan logistika ugry ýurduň esasy şäherlerini birleşdirer we her gün millionlarça tonna ýük daşamaga ýardam berer.**

**«Monster» atly iri taslama Ýaponiýanyň ýer, infrastruktura, ulag we syýahatçylyk ministrliginiň bilermenler topary tarapyndan işlenip düzüldi. Hökümet eltip bermek pudagynda işçi güýjüniň ýetmezçiligi bilen baglanyşykly logistika kynçylyklaryny aradan aýyrmagy maksat edinýär. Awtomatlaşdyrylan ugurlaryň täze ulgamy Tokiony, Osakany we beýleki şäherleri birleşdirer we takmynan, 25 müň ýük awtoulagynyň ornuny tutar. Şeýle hem bu taslama ýollardan on müňlerçe ýük awtoulagyny kemeltmek bilen, howa goýberilýän zyýanly gazlaryň mukdaryny-da azaldar.**

**Ýöne awtomatlaşdyrylan logistika ugrunyň infrastrukturasyny gurmagyň bahasynyň 23 milliard dollara barabar bolmagy bilermenler toparyny azda-kände ikirjiňlendirýär. Taslamanyň amala aşyrylyp başlanjak senesi, takmynan, 2034-nji ýyl diýlip bellendi.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# GRAS – HOŞBOÝ YSLY GÜLLERIŇ ŞÄHERI

Dünýäde 10 müň töweregi şäher bolup, taryhy binalary, owadan tebigaty we medeniýeti bilen biri-birine meňzemeýän täsirleri galdyrýar. Şäherleriň köpüsi öndürýän önümi, milli gymmatlyklary ýa-da tagamlary bilen meşhurlyga eýe bolup, dünýäde şol aýratynlygy bilen tanalýar. Fransiýanyň Gras şäheri hem hoşboý ysly gülleriň ösdürilip ýetişdirilýän merkezi bolup, bu şäher dünýäde parfýumeriýa serişdeleriniň öndürilýän merkezi hökmünde tanalýar.

Parfýumeriýa serişdeleriniň ady agzalanda, ilki bilen Fransiýa göz öňüňe gelýär. Fransiýada atyr önümçiliginiň «Fragonard», «Serge Lutens», «Guerlain», «Shalimar», «Chanel», «Lombre dans» ýaly dünýä belli brendleri öndürilip, dürli ýerlere eksport edilýär. Şeýle hem Nýu-Ýork, Singapur, Tokio, London we Dubaý ýaly syýahatçylyk babatda ösen şäherlerde fransuz atyrlarynyň dükanlary hem bar. Ýurduň atyr önümçiliginde Nantes, Gras, Marsel, Kabriýer-d'Awinion, Strasburg ýaly şäherler öňdeligi eýeläp, iň naýbaşy atyrlar Gras şäherindäki güllerden alynýar.

Fransiýanyň günorta-gündogarynda, Alp daglarynyň gerişinde ýerleşýän, 44 inedördül kilometr meýdany bolan kiçijik şäheriň 52 müň töweregi ilaty bar. Ilatyň esasy käri gül ösdürip ýetişdirmek hem-de atyr önümçiligidir. Gras şäherindäki gülli meýdanlarda maý güli, lawanda, jasmin, tuberoza, fialka ösdürilip ýetişdirilýär. Şäheriň özboluşly howasy bu ýerde bitýän gülleriň has hoşboý ysly bolmagyna mümkinçilik berýär.



Orta asyrlarda deri önümçiligi bilen tanalan Gras şäheri 1700-nji ýyllarda atyr pudagynda meşhurlyk gazanyp başlaýar. Şäherde hoşboý ys berijileri öndürýän kärhanalaryň gurulmagy bilen gül ekilýän meýdanlar peýda bolup başlaýar. Güller çig mal serişdesi bolmak bilen bir hatarda, şäher tebigatyny has owadan hem-de ýakymly görkezip, ekologiýa babatda hem howany arassa saklamaga ýardam berýär. Bu ýerde atyryň dürli görnüşleri bilen birlikde biologik şampundyr sabyn hem öndürilýär.



Güllerdir hoşboý yslary halaýanlaryň gelim-gidimli ýerleriniň biri bolan Gras şäheriniň «Ortaýer deňzi» botanika bagynda parfýumeriýa muzeýi ýerleşip, nusgalyk atyrlaryň birnäçe görnüşi saklanýar. Bu ýerde ys alyjylygy ösdürýän maşkdyr sapaklar hem geçirilýär. Bilermenleriň bellemegine görä, atyr beýleki yslara bolan duýgurlygy artdyryp, beýniniň işjeňligini güýçlendirýär. 2018-nji ýylda Gras şäheri parfýumeriýa önümçiliginde gazanan üstünlikleri üçin ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi.

# DIŞIMIZE ZYÝANLY IÝMITLER

**«Görk agyzdan...» diýlişi ýaly, adamzat jemgyýeti irki ýyllardan bäri aşhana medeniýetine we iýip-içmek düzgünlerine uly üns berýär. Haýsy iýmiti haçan we näçeräk mukdarda iýmeli, haýsy iýmitden gaça durmaly? Iýmit adam saglygyna düýpli täsir edýär. Şol sanda käbir iýmitler iýlende beden agzalaryna zeper ýetirip hem bilýär. Iýmit çeýnelende esasy agram dişe düşýär. Garran wagtyň gadryna ýetilýän dişimizi çagalykdan sagdyn saklamaga üns bermeli. Şeýle hem dişimiziň saralmazlygy we çüýremezligi üçin käbir iýmitdir içimlikleri iýip-içmekden gaça durmaly.**

**Sitrus miweleri.** Naryňç miweleriň düzüminde ýokary derejede C witamini saklanýar. Limon, pyrtykal, mandarin, greýpfrut ýaly miweler yzygiderli iýlende dişe zeper ýetirip bilýär. Bilermenleriň pikiriçe, «kislotaly miweleriň» şiresi wagtyň geçmegi bilen dişiň çüýremegine sebäp bolýar. Şonuň üçin sitrus miwelerini aşa köp iýmekden saklanmaly.

**Şekerli iýmitler.** Şekerli iýmitleri iýmek diş üçin zyýanly hasaplanýar. Şekerli zat iýlende dişleriň arasynda bölejikleri ýapyşyp galýar. Bu bolsa agyzdaky bakteriýalaryň köpelmegine we dişiň syrçasynyň zaýalanmagyna sebäp bolýar. Bilermenler, esasan hem, çagalara şekerli iýmitleri iýmekden gaça durmagy maslahat berýärler.

**Gazly içgiler.** 2019-njy ýylda Amerikada geçirilen barlaglara görä, gazly içgileri içmegiň diş üçin has zyýanlydygy ýüze çykaryldy. Esasan hem, aç wagtyň gazly suw içmek diş bilen bir hatarda beýleki beden agzalaryna hem zyýanly täsirini ýetirýär. Bilermenler gazlandyrylan suwy miwe şiresi, şerbetler bilen çalyşmagy maslahat berýärler. Şeýle hem energiýa berýän sport içimlikleri içmegiň has zyýanlydygy bellenilýär.



**Kibirdewük kökejikler.** Gaplanan konditer önümlerindäki uglewodlar, esasan hem, güýmenje maksady bilen öndürilýän çalt owranýan kökejikleri iýmek agyz boşlugynda bakteriýalaryň köpelmegine we dişiň çüýremegine sebäp bolýar. Şol sebäpli kibirdewük kökejikler iýilmegi çäklendirilen iýmitleriň sanawynda bolup, gaplama konditer önümlerindäki uglewodlardan we şekerden gaça durmak maslahat berilýär.

**Kofe.** Adamyň gujurly işlemegine mümkinçilik berýän bu meşhur içimligi köp içmek dişlerde tegmilleriň döremegine sebäp bolýar. Ýagny kofe içilenden soň dişler saralyp başlaýar. Şol sebäpli kofeden soň arassa suw içmeli ýa-da dişiňi ýuwmaly. Umuman kofe içmek agyz boşlugynda bakteriýalaryň döremegine getirip, belli bir derejede dişlere hem zeper ýetirýär.

**Çaý.** Geçirilen barlaglara görä, çaý içmek hem dişde tegmilleri döredip bilýär. Esasan hem, yzygiderli gara çaý içmek dişleriň arasynda garamtyl çökündileriň döremegine sebäp bolýar. Bilermenler gara çaý içmegi biraz çäklendirip, köpräk gök çaý içmegi maslahat berýärler.

# Iki şäheri birleşdirýän MÜŇÝYLLYK KÖPRI




Köprüler irki döwürlerden bäri adamlaryň barmaly ýerlerini ýakynlaşdyrmaga, agyr ýükleri geçirmäge hyzmat edipdir. Köprüleriň köpüsi daşdan gurlan bolsa, käbiri agaçdan, asma görnüşli simden gurlupdyr. Geçelgeleriň arasynda tehnologiýa esaslanýan taryhy ähmiýetli görnüşleri hem bar. Şolaryň biri hem Angliýanyň Geýthed we Nýukasl-apon-Taýn şäherlerini birleşdirýän Millenium (müňýyllyk) köprüsidir.





Jahankeşdeleriň ünsüni çekýän Müňýyllyk köprüsi pyýadalar we welosipedçiler üçin niýetlenen bolup, Taýn derýasynyň üstünde bina edilipdir. Ýarym aýlawly iki bölekden ybarat köpriniň bir bölegi ýolagçylara niýetlenen bolup, beýleki aýlawly bölegi deňagramlylygy saklamaga ýardam edýär. Biri-birine tanap bilen berkidilen aýlawlar 40 dereje ýokary-aşak öwrülýän görnüşde bolup, derýada ýüzýän suw ulaglaryň hereketine päsgel bermeýär. Gidrawlik gurluşly köpriniň ýolagçylaryň geçmegine hyzmat edýän bölegi suwdan 5 metr çemesi beýiklikde, beýleki aýlawly bölegi suwdan 50 metr beýiklikde ýerleşýär.

2001-nji ýylda açylan desganyň umumy uzynlygy 126 metr bolup, 2 ýyldan gowrak wagtda gurulýar. Müňýyllyk köprüsi bir ýylyň dowamynda 200 gezek öwrülýär. Köpriniň ýokary galmagy üçin 4 minut ýeterlik. 8 metr giňlikdäki egri köpriniň agramy 850 tonna barabar.

Reňkli çyralar bilen bezelen Millenium köprüsi syýahatçylaryň iň köp barýan ýerleriniň biridir. Köpriniň iki gapdalynda seýilgähler bolup, welosipedli gezelenç hem gurap bolýar. Dünýäniň ilkinji egri köprüsi hasaplanýan Millenium 2002-nji ýylda Stirling baýragy bilen sylaglanýar.

## ÇAGALAR

**Basketbol iňlis dilindäki «basket» – sebet we «ball» – top diýen sözlerden emele gelipdir.**



# Ýitip gitmek howpy abanýan JANDARLAR

**Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak bileleşigi (IUCN) janly-jandarlaryň 4 müň görnüşiniň howp astyndadygyny belleýär. Başgaça aýdylanda, tebigy şertleriň üýtgedilmegi, klimatyň üýtgemegi we senagatyň ösmegi janly-jandarlaryň birnäçe görnüşiniň ýitip gitmek howpuna sebäp bolýar. Ilatyň çalt köpelmegi we ýaşaýyş ýerleriniň giňemegi hem ýabany haýwanlaryň öýlerini taşlap gitmegine sebäp bolýar. Geliň, Ýer ýüzünden ýitip gitmek howpy abanýan käbir jandarlar bilen tanyş bolalyň!**

**TAPANULI ORANGUTAN.** Adamsypat maýmynlaryň toparyna degişli bolan tapanuli orangutan 2017-nji ýylda ýitip gitmek howpy abanýan jandar hökmünde hasaba alyndy. Dünýäniň diňe bir ýerinde – Indoneziýanyň Sumatra adasyndaky tropik tokaýlarda duş gelýän bu maýmynlaryň sany 800-den geçmeýär. Gyzylymtyl-goňur sütükli bu maýmynlar miwe, gurçuk we agaçlaryň täze baldaklary bilen iýmitlenýärler.

**AMUR GAPLAŇY.** Russiýanyň uzak gündogarynda we Hytaýyň demirgazyk-gündogarynda ýaşaýan amur gaplaňy dünýäde seýrek duş gelýän ýyrtyjylaryň biridir. Pişikler maşgalasyna degişli amur gaplaňynyň sany 100-den geçmeýär. 1996-njy ýyldan bäri sany azalýan bu ýyrtyjylar tokaýlaryň çapylmagy, başga ýyrtyjylaryň köpelmegi we ýollaryň çekilmegi ýaly howplara duçar bolýarlar.

**ÝANSZY DELFINI.** Dünýäde süýji suwda ýaşaýan ýeke-täk delfin bolan bu jandarlar 2021-nji ýylda goralýan jandarlaryň sanawyna girizildi. Hytaýyň Ýanszy derýasynda ýaşaýan bu delfinleriň sany 1000-den geçmeýär. «Derýa delfinleri» hem diýilýän uzyn burunly jandarlar ownuk suw jandarlary bilen iýmitlenýärler.

**AFRIKA PILI.** Afrikanyň «utanjaň jandarlarynyň» sany soňky ýyllarda ep-esli azalypdyr. Gabon we Kongo ýaly ýurtlardaky tokaýlarda ýaşaýan bu piller gurakçylykdan we suw ýetmezçiliginden ejir çekýärler. Afrika pilleriniň agramy 7 tonna, boýy bolsa 4 metre çenli ýetýär. Äpet süýdemdirijileriň esasy iýmiti agaçlaryň ýapragy, gabygy bolup, dürli otlardyr gök önümleri hem iýýärler.

**SUNDA GAPLAŇY.** Agramy 140 kilograma çenli bolýan sunda gaplaňy dünýädäki iň kiçi gaplaň hasaplanýar. Diňe Indoneziýanyň Sumatra adasynda duş gelýän kiçijik gaplaňlaryň sany 600-den geçmeýär. Öňler Ýawa, Bali adalarynda hem duş gelýän bu gaplaňlar häzirki wagtda 2 adada – Sunda we Sumatrada ýaşaýar. Kiçijik gaplaňlaryň sanynyň azalmagyna, esasan, ilatyň köpelmegi sebäp bolýar.

**BISSA (DEŇIZ PYŞBAGASY).** Bissa deňiz pyşbagalarynyň 7 görnüşiniň biri bolup, Atlantik, Hindi we Ýuwaş ummanlarynyň tropik suwlarynda duş gelýär. Soňky 30 ýylda balykçylaryň köpelmegi bilen deňiz pyşbagasynyň höwürtgesine we merjen gaýalaryna düýpli zyýan ýetýär. Şeýlelik bilen, bu jandarlaryň köpelmegi üçin zerur bolan tebigy şertler azalýar. Häzirki wagtda goralýan deňiz pyşbagasynyň sany 20 müňden geçmeýär.

**ÝAWA KERKI.** Günorta-Gündogar Aziýada ýaşaýan Ýawa kerkleri tebigatyň üýtgemegi we gurakçylyk sebäpli ep-esli azaldy. Häzirki wagtda, takmynan, 75 sany ýeke şahly süýdemdirijiniň bardygy çaklanylýar. Diňe Indoneziýanyň Ýawa adasynda duş gelýän äpet süýdemdirijiler «Ujung Kulon» milli seýilgähinde saklanýar. Miwedir ýapraklar, agaçlaryň baldagy bilen iýmitlenýän Ýawa kerkleri öri meýdanlaryň ýetmezçiliginden ejir çekýärler.

















# Basketbol halkasy näme üçin 3 metr beýiklikde?

**Basketbol dünýäde millionlarça adamyň halaýan sport görnüşidir. Dünýäde sport zallaryndan başlap, seýilgählerde we ýollaryň ugrunda basketbol halkajyklaryna duş gelmek bolýar. Käbir basketbol ligalarynda kiçi ýaşlylara niýetlenen oýunlarda basketbol halkasy pesräkde oturdylyp bilner. Ýöne orta sport mekdeplerinden başlap, professional ligalara çenli ýaryşlarda, adaty oýunlarda halkalar şol bir beýiklikde berkidilýär. Eýsem, siz basketbol halkasynyň näme üçin 3 metr beýiklikde goýulýandygy barada pikirlenip gördüňizmi?**

1891-nji ýylyň dekabr aýynda Massaçusets ştatynyň okuw mekdepleriniň birinde ýapyk binada top oýnamaly bolanda kanada-amerikan mugallymy Jeýms Neýsmit topy örme açyk sebetden geçirmegi teklip edýär. Şeýlelik bilen basketbol oýny döreýär. Basketbol iňlis dilindäki «basket» – sebet we «ball» – top diýen sözlerden emele gelipdir. Basketbol oýnunda ilkibaşda her toparda 9 oýunçy bolup, oýunçylar ýerlerinde butnaman durmaly eken. Top elden ele geçip sebede oklanypdyr. Örme sebetler soňlugy bilen aşagy torly demir halka bilen çalşyrylýar. Emma ilkibaşda 3 metr beýiklige berkidilen halkalaryň orny üýtgedilmeýär.

Häzirki wagtda oýna her topardan 5 basketbolçy gatnaşýar. 1947-nji ýylda basketbola gatnaşýan oýunçylaryň ortaça boýy 1 metr 88 santimetr bolan bolsa, 2015-nji ýylda oýunçylaryň ortaça boýy 2 metre çenli ýokarlandy.

Ilkibaşda 3 metr beýiklige sebetleri dakmak oýnuň stili diýlip kabul edilýär. Soňlugy bilen beýikligi ýokary galdyrmak barada birnäçe teklipleriň gelip gowşandygyna garamazdan, ABŞ-nyň Milli basketbol birleşigi (NBA) oýnuň stilini üýtgetmeýär. Halkalara topy oklamak aňsatlaşan hem bolsa, NBA sebetleriň duran ýerini üýtgetmek islemeýär. Oýun stilini saklamak (3 metr beýiklik) basketboly oýlap tapan ussada bolan hormatyň nyşanydyr.



7 tapawudy tapyň!





Labirint



Sanlary birleşdiriň we şekili reňklediň!





# Iň gowy öwüt

Meşhur alym Gazaly ýaşlyk ýyllarynda Gürgene gidip, köp ýyllaryň dowamynda ussatlardan tälim alypdyr. Ol öwrenen zatlaryny yzygiderli ýazyp, birnäçe kitap görnüşine getiripdir. Şol golýazmalar onuň uzak ýyllaryň dowamynda öwrenen ylymlarynyň netijesi bolansoň, olary janyndan eý görüpdir.

Gazaly dogduk Diýaryna dolanmaly bolanda, golýazmalaryny mata dolap, horjunyna ýerleşdiripdir. Ol kerwene goşulyp, ýola düşüpdir. Ýöne garakçylaryň uly topary kerweniň ýoluny kesipdir. Olar kerwendäkileriň ähli zadyny diýen ýaly talapdyrlar. Gezek Gazala ýetipdir. Garakçylar onuň goşlaryna ýapyşan batlaryna Gazaly olara ýalbarmaga başlapdyr.

– Şulardan başga näme alsaňyz alyň, ýöne bulary meň özüme goýuň?!

Garakçylar horjunyň içinde örän gymmat zat bardyr öýdüp, nebsewürlik bilen ony açanlarynda bir topar golýazmadan başga zada gözleri ilmändir.

– Ýeri, gardaş, bular näme? – diýip, galtamanbaşy Gazala hyrsyz nazaryny aýlapdyr.

– Olar näme bolanda-da siziň derdiňize ýarajak zatlar däl. Ýöne maňa juda zerur – diýip, Gazaly ýalbarypdyr.

– Bular seň nämäňe derkar?

– Bular meniň birnäçe ýyllyk okuwymyň netijesi. Eger-de bulary menden alsaňyz, meň okan zatlarymyň bary biderek bolar. Köp ýyllyk zähmetim ýele sowrular.

– Bä, geň galaýmaly, hakykatdan-da, seniň bar ylmyň şu kagyzlardamy?

– Hawa.

– Hmm... Ýadyňda galmadyk, ogurlap bolýan ylymdan-a ylym bolmaz, gardaş!.. Sen, ýigit, gowuja pikirlen. Bolýa, degmäň oň zatlaryna – diýip, galtamanbaşy loh-loh gülüpdir.




Bu ýönekeýden, jaýdar aýdylan sözler Gazalynyň ruhy dünýäsini sarsdyrypdyr. Şondan soň ol öz beýnisini, akyl-paýhasyny diňe pikirleniş ukyby bilen terbiýelemäge başlapdyr. Şeýlelikde, ol zehininde ummasyz köp ylym toplap, manysy bilen özleşdiripdir. Gazaly soňsoňlar hem «Meni ugrukdyran iň gowy ündewi bir garakçydan öwrendim» diýip ýatlaýar eken.

*Pars dilinden terjime eden*
**Gurbandurdy HOJAÝEW,**
*Türkmenistanyň ussat mugallymy, Etrek etrabynyň Gyzylbaýyr obasynyň ýaşaýjysy.*

# GAZAK EDEBIÝATYNYŇ GÖWHER TÄJI

Abaý Kunanbaýew 1845-nji ýylyň 10-njy awgustynda Gazagystanyň häzirki Semeý şäheriniň Židebaý diýen ýerinde çarwa maşgalada dünýä inýär. Onuň kakasy Kunanbaý Öskenbaýew tobykty urugynyň kethudasy bolupdyr. Şahyryň hakyky ady Ybraýym bolup, ejesi Uljan hatyn heniz çagaka ony söýgüläp, gazak dilinde çuňňur düşünjeli, akylly manysyny berýän Abaýym diýer eken. Ejesiniň bu mährem sözüni şahyr soň tahallus hökmünde ulanýar. Ilki mugallym tutulyp, ýörite öýde okadylan Abaý soňra Semeýdäki Ahmet Ryza medresesinde okuwyny dowam etdirýär. Ol bu ýerde Fizuly, Nowaýy, Ferdöwsi, Nyzamy ýaly Gündogaryň şahyrlarynyň eserlerini ürç edip okaýar, ylahyýet ugrundan bilim alýar. Şol bir wagtyň özünde ol rus mekdebinde hem okaýar. Medresede dört ýyl okan Abaý 1858-nji ýylda medresäni taşlamaly bolýar. Soňra ol 1873-nji ýyla çenli dolandyryş edaralarynyň birinde işläp, ýurduň dürli künjeklerinde saparda bolýar. Şol döwürde ol halky sowatlylyga çagyrýan birnäçe goşgulary we makalalary ýazýar.



Abaý Kunanbaýew terjimeçilik bilen meşgullanyp, belli rus ýazyjylarynyň eserlerini gazak diline terjime edýär. Puşkiniň şygyr bilen ýazylan «Ýewgeniý Onegin» romanynyň terjimesi onuň kämillige ýetendigini görkezýär. Şahyr özüniň edebi mirasynyň köpröwüşliligi, çeperçilik taýdan kämilligi, halky dilde ýazylandygy sebäpli gazak edebi diliniň düýbüni tutujy hasaplanýar. Onuň 200-e golaý şygry, 3 dessany, 45 sany ululy-kiçili kyssa eseri we birnäçe terjime işleri bar. Eserlerinde, esasan, tebigat, agzybirlik, söýgi, bilim almak, mertlik ýaly meseleler gozgalýar. Onuň eserleri fransuz, iňlis, nemes, hytaý, arap, türk, ýapon, ispan we rus dillerine terjime edildi.

1995-nji ýylda ÝUNESKO hem-de Gazagystan hökümeti tarapyndan şahyryň doglan gününiň 150 ýyllygy dabaraly bellenilip geçilýär we şol ýyl «Abaý ýyly» diýlip atlandyrylýar. Gazagystanyň iň beýik nokadyna (beýikligi 4010 metr) şahyryň ady dakylýar. Mundan başga-da, Semeý şäherindäki merkezi kitaphana, Almaty şäherindäki döwlet akademiki opera we balet teatry, milli mugallymçylyk uniwersiteti we şäheriň iň uly şaýoly onuň adyny göterýär.

Şahyryň ýadygärligi mundan ozal Wengriýada, Koreýa Respublikasynda, Fransiýada, Türkiýede, Eýranda, Özbegistanda, Müsürde, Russiýa Federasiýasynda, Hytaýda, Germaniýada, Braziliýada we beýleki ýurtlarda açyldy. Indi Aşgabatda hem Abaý Kunanbaýewiň heýkelini oturtmak göz öňünde tutulýar.

Abaý Kunanbaýew 1904-nji ýylyň 23-nji iýulynda aradan çykýar.

# Paýhaslar

☑ Üstünlige däl-de, onuň berýän gymmatlyklaryna ymtylyň!
***Albert Eýnşteýn.***

☑ Iň kyn zat – girişmek, galan zatlar bolsa, diňe erjelligiňe bagly.
***Ameliýa Erhart.***

☑ Durmuş meýilnama düzýän wagtyňyz sizde bolup geçýän zatlardyr.
***Jon Lennon.***

☑ Üstünligiň 80 göterimi zerur wagtynda zerur ýerinde peýda bolmakdyr.
***Wudi Allen.***

☑ Siziň wagtyňyz çäkli, başga biriniň durmuşynda ýaşap, wagtyňyzy boş ýere sarp etmäň!
***Stiw Jobs.***

☑ Ýeňiş hemme zat däl. Ýeňiş hemişe ýeňmäge bolan islegdir.
***Wins Lombardi.***

☑ Meniň sözlügimde «mümkin däl» diýen söz ýok.
***Napoleon Bonapart.***

☑ Eger-de siz batyrlyk edip, kenary gözden ýitirmeseňiz, hiç haçan ummany aşyp bilmersiňiz.
***Hristofor Kolumb.***

☑ Eger-de siz özüňizi bir zada ukyply diýip pikir edýän bolsaňyz, dogry aýdýarsyňyz; eger-de siz özüňizi hiç zadyň alnyndan däl diýip hasap edýän bolsaňyz, dogry aýdýarsyňyz.
***Genri Ford.***

☑ Durmuşyňyzdaky iň möhüm iki gün: doglan günüňiz we munuň sebäbine düşünen günüňiz.
***Mark Twen.***

☑ Ähli iş aň-düşünjede. Aň-düşünje hemme zadyň başlangyjydyr. Şonuň üçin aň-düşünjäňiziň üstünde işläp, ony kämilleşdiriň!
***Lew Tolstoý.***

☑ Arzuwlaryňyza tarap ynamly ýöräň! Öz döreden durmuşyňyzda ýaşaň!
***Genri Dewid Toro.***

☑ Has uly netijä umyt etmekden gowy netijä ynanmak has gowudyr.
***Worren Baffet.***

☑ Käbir zatlar ünsüňizi çekip biler, ýöne ýüregiňizi özüne çekýän zatlara üns beriň.
***Hindi nakyly.***

☑ Başarjakdygyňyza bolan ynam – eýýäm maksadyňyzyň ýaryna ýetdigiňizdir.
***Teodor Ruzwelt.***

☑ Her kimiň öz gözelligi bar, ýöne her kim ony görüp bilmeýär.
***Konfusiý.***

☑ Maksady kesgitlemek ähli üstünlikleriň başlangyç nokadydyr.
***Wilýam Klement Stoun.***

# Halaýan audiokitaplarynyň sanawyny düzdi

«SpaceX» hem-de «Tesla» kompaniýalarynyň esaslandyryjysy, dünýäniň iň baý adamlaryndan biri bolan Ilon Mask özüniň X jemgyýetçilik torunda gowy görýän audiokitaplarynyň sanawyny paýlaşdy. Sanaw, esasan, taryh, syýasat we ykdysadyýet bilen baglanyşykly 11 audiokitapdan ybarat. Maskyň diňläp görmegi teklip eden kitaplarynyň sanawy:

Will we Ariel Dýurant – «Siwilizasiýanyň taryhy», Gomer – «Iliada», Fridrih fon Haýek – «Gulçulyga barýan ýol», Wilýam Mançester – «Amerikaly Sezar: Duglas Makartur, 1880-1964», Dewid Kuşner – «Doomyň hökümdarlary», Adam Tuz – «Weýrançylyk üçin öweztölegi», Ernst Ýunger – «Polat tupanlarynda», Barbara Takman – «Awgust toplary», Gaý Ýuliý Sezar – «Gal



söweşi barada bellikler», Uilýam Bolito «Taňrylara tarap on iki», Jek Wezerford – «Çingiz han».

– Elbetde, bu sanaw taryh bilen gyzyklanýanlary biparh goýmasa gerek – diýip, Mask aýtdy.

# ILKINJI NEŞIRI SATYLDY

● Iňlis ýazyjysy Joan Roulingiň «Garri Potter we filosofyň daşy» kitabynyň ilkinji neşiriniň 500 nusgasynyň biri 45,201 funt sterlinge satyldy. Bu barada Beýik Britaniýanyň auksion öýi «Lyon we Turnbull» habar berdi.

Kitap 1997-nji ýylda Londondaky «Bloomsbury» neşirýaty tarapyndan çap edildi. Satylan kitabyň abat saklanyp galandygy aýratyn nazara alyndy. Şol döwürde kitabyň birinji neşiriniň, takmynan, 300 nusgasy kitaphanalara paýlanyp, iň köp okalan kitaplaryň biri bolupdy. Bölek satuwa bolsa, kitabyň diňe 200 nusgasy çykarylypdy.




Köp jiltli kitabyň birnäçe nusgasy häzire çenli geçirilen auksionlarda gymmat bahalardan satylypdy.

**Amantäç BERDIMYRADOWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Mollamurt adyndaky kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*

# DUBLIN BAÝRAGYNYŇ EÝESI

Golaýda iň abraýly edebiýat baýraklarynyň biri bolan Dublin baýragy rumyniýaly ýazyjy we şahyr Mirça Kertereskuwa «Solenoid» atly romany üçin berildi. Kertereskunyň «Solenoid» romanynda şahsy tejribelerinden ugur alýan orta mekdebiň mugallymynyň sada durmuşy barada gürrüň berilýär. Waka 1970-80-nji ýyllaryň başynda Rumyniýada bolup geçýär. Roman gündelik bellikler bilen başlap, soňra olar hakykaty we sungat dünýäsini utgaşdyrýan beýleki äheňler, ölçegler we wagtlar hakda pelsepewi kyssa öwrülýär.

2024-nji ýylyň ýeňijisi Mirça Kerteresku özüniň köp jiltli «Orbitor» eseri bilen ýurtda giňden tanalýar. Oňa bu eserleri üçin käwagt «rumyn Markesi» hem diýilýär. Ýazyjynyň «Biz näme üçin zenanlary söýýäris?» atly söýgi kyssalary oňa uly üstünlik getirdi we Rumyniýada kitaplary iň köp satylan ýazyjy boldy.




Kerteresku baýragyň puluny romanyny iňlis diline terjime eden Şon Kotter bilen paýlaşdy. Ýazyjy 75 müň ýewro aldy, terjimeçä bolsa, 25 müň ýewro ýetdi.

Ýeri gelende ýatlap geçsek, geçen ýyl Dublin baýragy «Marzahn, mon amour» atly kitaby üçin nemes ýazyjysy Katýa Oskampa berlipdi.

## 30-njy SKANWORD



## 35-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **2.** Bir zady ýolmak. **3.** Meksikanyň paýtagty. **5.** Sport enjamy. **6.** Ele geýmek üçin ýüňden örülen ýa-da matadan, gaýyşdan tikilen önüm. **7.** Ýüz ýyl arasyndaky wagt, döwür. **8.** Özbek saz guraly. **9.** Täze gölelän malyň ilkinji sagymynyň süýdünden bişirilen iýmit. **14.** Dogralan gyzgyn çöregi ýagda owup taýýarlanylýan iýmit. **16.** Köplenç suwda ýaşaýan ýasy çüňkli, boýny we aýaklary gysga guş. **17.** Baglaýjy kömekçi. **18.** Kimdir biriniň ýa-da taryhy wakanyň özi hakynda, hatyrasyna. **19.** Keýpi kök, jany sag. **20.** Suw akdyrmak, goýbermek üçin çuň bolmadyk aryk, salma. **24.** Bezeg üçin burna dakylýan tegelek kümüş ýa-da gyzyl şaý. **25.** «Ýykyljak ... kyrk gün öňünden jygyldar» (nakyl). **26.** Içki duýgyňy aňlatmak üçin ýüz, göz, el bilen edilýän üm. **27.** Il, halk. **28.** Gymyldy-hereketi, ýagdaýy aňladyp, zamanda, ýöňkemede we sanda üýtgeýän söz topary. **29.** Bir zat barada edilýän arzuw, küýseg. **30.** Çabydyň ýakasyna çaňňa bilen birlikde dakylýan kümüş şaý.

● **KESELIGINE:** **1.** «... çalyp gara göze, /Bizden ki uýat eýleýir» (Magtymguly Pyragy). **4.** Nahar bişirýän adam. **10.** Merkezi Aziýanyň aşhanasynda limon tagamly ys beriji. **11.** At çapyşygy geçirilýän ýörite ýer, meýdan. **12.** Bogun-bogun guýrugy arkan jaýtarylyp duran, zäherli mör-möjek. **13.** Aýdym-saz žanry. **15.** «Eşitseň ýaman söz ýagşy dostuňdan, /Ýanar durar, ýüregiňde ... bolar» (Seýdi). **17.** Mähirli, mylaýym. **21.** Türkmen şahyry Ýunus ... **22.** «... gaýrat bolsa, özge syn bolmaz» (nakyl). **23.** Biri-birine laýyk, deň. **27.** «Ilki öýüň ..., soň daşy» (nakyl). **29.** «Bir gören tanyş, ... gören garyndaş» (nakyl). **31.** Isleg, arzuw (köne söz). **32.** Küşt oýnunda ak mallar. **33.** Awtoulag ýaryşlarynyň görnüşi. **34.** Kysmat, ýazgyt. **35.** «Başynda karkara, zerrin ...,/Şasenem sypatly gyzlary bardyr» (Magrupy).

27-nji skanwordyň jogaby:



28-nji skanwordyň jogaby:



29-njy skanwordyň jogaby:



34-nji krosswordyň jogaby:



# Berlinde uly final: ISPANIÝA – ANGLIÝA

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Iki topar Ýewropa çempionatynyň çäginde 3-nji gezek duşuşar. 1980-nji ýylda toparçalardaky oýunda Angliýa Bruking hem-de Wudkogyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňipdi. Ispaniýa bilen Angliýanyň ýygyndysynyň yklym ýaryşyndaky 2-nji duşuşygy 1996-njy ýyldaky ýaryşda hasaba alyndy. Angliýada geçen çempionatyň çärýek finalynda duşuşan toparlaryň şol oýnunda esasy hem-de goşmaça wagtda hasap açylmandy. Netijede, penaltilerde Angliýa 4–2 hasabynda ýeňiş gazanyp, ýarym finala çykypdy.

Iki toparyň Dünýä Kubogynda-da özara 2 duşuşygy bolup, 1950-nji ýylda toparçalarda Ispaniýa 1–0 hasabynda ýeňipdi. 1982-nji ýylda ýene-de toparçalardaky oýun golsuz deňlikde tamamlanypdy. Iki topar UEFA Milletler Ligasynda-da 2018-nji ýylda 2 duşuşyk geçirdi. Bu olaryň arasyndaky şu finala çenli geçirilen soňky duşuşyklar bolup, Ispaniýa Londonda 2–1, Angliýa Sewilýada 3–2 hasabynda ýeňipdi.

Bu taryhy final duşuşygynda Ispaniýa ýeňiş gazansa, onda olar 4-nji çempionlygyny baýram eder. Bu bolsa rekorda deň diýmekdir. Angliýanyň ýygyndysy ýeňse, bu olar üçin yklym ýaryşyndaky ilkinji çempionlyk bolar. 1996-njy ýylda özlerindäki çempionlygy Germaniýa aldyran iňlisleriň 28 ýyldan soň Germaniýadan kubok bilen dolanmak mümkinçiligi bar.




# ISPANIÝA 5-nji, ANGLIÝA YZLY-YZYNA 2-nji GEZEK FINALDA

Futbol boýunça 17-nji Ýewropa çempionatynda ilkinji finalçy Ispaniýanyň ýygyndysy boldy. Münhen şäherindäki «Allianz Arena» stadionynda duşuşan Ispaniýa bilen Fransiýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýun diýseň çekeleşikli ýagdaýda geçdi. Duşuşykda hasaby ilkinji bolup fransuzlar açdy. Oýna erjel başlan Fransiýanyň ýygyndysynda 9-njy minutda Kilian Mbappeniň pasyny Rendal Kolo Muani kellesi bilen süsüp, topy derweze girizdi. Ýöne ispanlaryňam jogaby gijikmedi. 21-nji minutda çempionatyň iň ýaş futbolçysy, 13-nji iýulda 17 ýaşyny doldurjak Lamin Ýamal owadan gol bilen hasaby deňledi. Ol bu goly geçirmek bilen çempionatyň çäginde tapawutlanan iň ýaş futbolçy boldy (16 ýaş 362 gün). Bu goldan 4 minut soňam ispanlar ýene tapawutlanyp, öňe saýlanmagy başardy. Dani Olmonyň ýakyn aralykdan uran batly urgusynda top Žul Kundeniň aýagyna degip derweze girdi. UEFA tarapyndan gol ilki Kundeniň awtogoly diýlip ýazylan hem bolsa, soňlugy bilen gol Olmonyň adyna bellendi. Bu duşuşykdaky soňky gol boldy. 1-nji ýarymyň ahyrynda, tutuş 2-nji ýarymda taraplaryň tagallalary hasaby üýtgetmäge ýeterlik bolmady. Şunlukda, Ispaniýanyň ýygyndysy 5-nji gezek finala çykmagy başardy. Mundan öňki 4 finalyň 3-sinde — 1964-nji, 2008-nji we 2012-nji ýyllarda çempion bolan Ispaniýa 1984-nji ýylyň finalynda Fransiýadan ýeňlipdi.

Oýundan soň duşuşygyň ýyldyzy saýlanan Ýamal diňe bir Ýewropa çempionatynyň däl, eýsem, merhum Peläni hem geçip, Dünýä Kubogynyň ýa-da Ýewropa çempionatynyň ýarym finalynda tapawutlanan iň ýaş futbolçy boldy.

Ispaniýanyň ýygyndysy oýundan soňky penalti urgularyny ýerine ýetirmezden 6 oýunda ýeňiş gazanyp finala çykan ilkinji topar boldy.

Duşuşykda meýdança çykan ispaniýaly 38 ýaşyndaky Hesus Nawas Ýewropa çempionatynyň ýarym finalynda oýnan iň ýaşuly futbolçy boldy.

**Soňky gezek 24 ýyl öň çempion bolupdy**

Soňky 4 uly ýaryşyň 3-sinde finala çykan Fransiýanyň ýygyndysy bu gezek ýarym finaldan yzyna gaýtdy. Fransiýanyň ýygyndysy soňky gezek 2000-nji ýylda çempion bolup, 2016-njy ýylda özlerindäki finalda Portugaliýadan asgyn gelipdi. Toparyň tälimçisi Didie Deşam futbolçyka asmana göteren kubogyny tälimçi hökmünde-de götermek isläpdi. Häzirki wagtda germaniýaly Berti Wogts hem futbolçy, hem-de tälimçi hökmünde Ýewropanyň çempionlygyny gazanan ýeke-täk şahsyýetdir. Dünýä Kubogynda 1998-nji ýylda futbolçy, 2018-nji ýylda-da tälimçi hökmünde çempion bolan Deşama öz yklymynda bu goşa üstünlik häzirlikçe miýesser etmedi. Duşuşykdan soň Deşamyň 2026-njy ýyla çenli toparda galjakdygy mälim edildi.



Dortmund şäherinde oýnalan ýarym final duşuşygynda Angliýanyň ýygyndysy Niderlandlaryň ýygyndysyny soňky minutda geçiren goly esasynda 2-1 hasabynda utdy. 1-nji ýarymy hem-de 2-nji ýarymyň soňky 15 minuty çekeleşikli geçen oýunda Niderlandlar ilkinji bolup hasaby açdy. Duşuşygyň 7-nji minutynda Hawi Simons uzak aralykdan owadan urgy bilen pyrtykal reňkdäkileri öňe saýlady. Ýöne kembek etmegi endik edinen iňlisler ýene bir ýola baş alyp çykmagy başardy. 18-nji minutda baş emin Feliks Zwaýer VAR-yň görkezmesinden soň iňlisleriň peýdasyna penalti urgusyny belledi. Ony-da dürs uran Harri Keýn hasaby deňledi. Ýewropa çempionatlaryndaky 7-nji goluny geçiren Keýn milli ýygyndynyň yklym ýaryşyndaky iň netijeli 2 futbolçysynyň biri bolup, ol bu ugurda Alan Şirer bilen deňleşdi. Şol bir wagtyň özünde-de Ýewropa çempionatynyň çäginde pleý-off duşuşyklarynyň iň köp gol geçiren futbolçysy hökmünde hasaba alyndy (6 gol). 1-nji ýarymda Niderlandlardan Dumfrisiň topy çyzykda saklamagy, şol sanda onuň kelle urgusynda topuň derwezäniň ýokarky kese sütünine degmegi, şeýle-de, iňlislerden Fodeniň uzakdan uran urgusynyň sütüne degip, meýdançanyň daşyna çykmagy beýleki ýatda galan pursatlar boldy. Duşuşygyň 1-nji ýarymy 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy.

2-nji ýarymda-da toparlar wagtal-wagtal depgini güýçlendirse-de, umumylykda oýun ortatap ýagdaýda geçdi. Oýnuň 81-nji minutynda tälimçi Sautgeýt hüjümçi Keýniň ornuna Olli Watkinsi, Fodeniň ornuna-da Koul Palmeri meýdança girizdi. «Premier Ligada» geçen möwsümi juda şowly tamamlanan bu iki futbolçy toparyna ýeňiş getirdi. Ýagny 10 minutdan soň, has takygy, 90+1-nji minutda, Palmeriň pasyndan soň Watkins Angliýanyň ýeňiş goluny geçirip, toparyny finala çykaran oýunçy boldy. Watkins duşuşygyň ýyldyzy diýlip saýlandy.

Şunlukda, Angliýanyň ýygyndysy Ýewropa çempionatynda bassyr 2-nji gezek finala çykdy. Şeýle waka Ýewropa çempionatynda 6-njy gezek gaýtalanyp, Angliýanyň ýygyndysy yzly-yzyna finala çykan 4-nji topar boldy. Angliýadan ozal SSSR (1960–1964), Germaniýa (1972–1976, 1976–1980, 1992–1996) hem-de Ispaniýa (2008–2012) yzly-yzyna finala çykypdy. Mundan öňki 3 topar şol yzly-yzyna finallaryň azyndan birinde çempion bolupdy.



Niderlandlaryň ýygyndysy ýene bir ýola agza-burna gelen finala çykmak mümkinçiligini elden giderdi. Olaryň şu wagta çenli ýeke-täk finaly bolup, 1988-nji ýylda Germaniýada geçen çempionatda kubogy eýeläpdiler. Şol döwürde oýunçy hökmünde kubogy gazanan tälimçi Ronald Kuman 36 ýyldan soň toparyň tälimçisi hökmünde ýene-de Germaniýada çempionlyk gazanmak isläpdi. Ýöne Niderlandlara ýarym finaldan geçmek başartmady.

**ISPANIÝA — FRANSIÝA**

**EURO 2024 – 09.07.2024 – 1/2 final**

**ISPANIÝA (4–2–3–1):** Unai Simon — Hesus Nawas (Wiwian 58), Naço, Laport, Kukurelýa — Rodri, Fabian Ruiz — Ýamal (Ferran Torres 90+3), Olmo (Merino 76), Williams (Zubimendi 90+3) — Morata (k) (Oýarzabal 76); ***Tälimçi:*** Luis de la Fuenta
**FRANSIÝA (4-3-3):** Menýan — Kunde, Upamekano, Saliba, T. Hernandes — Kante (Grizmann 62), Tçuameni, Rabio (Kamawinga 62) — Dembele (Žiru 79), Kolo Muani (Barkola 62) — Mbappe (k); ***Tälimçi:*** Didie Deşam
**GOL:** Ýamal 21, Olmo 25 — Kolo Muani 9; **SARY KART:** Nawas, Ýamal — Tçuameni, Kamawinga; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Lamin Ýamal (Ispaniýa); **EMIN:** Slawko Winçiç (Sloweniýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Allianz Arena», Münhen — 62 042

**2–1**



**NIDERLANDLAR — ANGLIÝA**

**EURO 2024 – 10.07.2024 – 1/2 final**

**NIDERLANDLAR (4–3–3):** Werbruggen — Dumfris (Zirkze 90+3), De Wreý, Wan Deýk (k), Ake — Shauten, Simons (Brobbi 90+3), Reýnders — Malen (Weghorst 46), Depaý (Werman 35), Gakpo; ***Tälimçi:*** Ronald Kuman
**ANGLIÝA (3–4–2–1):** Pikford — Wolker, Stounz, Guehi — Saka (Konsa 90+3), Mainu (Gallaher 90+3), Raýs, Trippier (Şaw 46) — Foden (Palmer 80), Kane (k) (Watkins 81), Bellingam; ***Tälimçi:*** Garet Sautgeýt
**GOL:** Simons 7 — Keýn 18 (p), Watkins 90+1; **SARY KART:** Dumfris, Wan Deýk, Simons — Saka, Trippier, Bellingam; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Olli Watkins (Angliýa); **EMIN:** Feliks Zwaýer (Germaniýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Westfalen», Dortmund — 60 926

**1–2**

# Çärýek final duşuşyklary



**Ispaniýa uly ýaryşlarda Germaniýadan utulanok**

● EURO 2024-de ilkinji ýarym finalçy Ispaniýanyň ýygyndysy boldy. Ştutgartda geçirilen çärýek final duşuşygynda Ispaniýanyň ýygyndysy ýer eýeleri Germaniýa bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýnuň 8-nji minutynda ispanlardan Pedri şikes alyp, ornuna Dani Olmo meýdança girdi. Olmonyň girmegi oýnuň ykbalyna düýpli täsir etdi. Birinji ýarymy golsuz geçen duşuşygyň 51-nji minutynda Olmo hasaby açdy. Şondan soň Germaniýanyň ýygyndysy hüjümlerini hasam artdyryp, duşuşygyň soňunda hasaby deňlemegi başardy. 89-njy minutda Kimmihiň pasyndan soň oýna soň goşulan Florian Wirts hasaby deňledi we duşuşygyň esasy wagty 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Goşmaça wagtda-da iki topar hem erjel oýun görkezdi. Duşuşygyň 119-njy minutynda Olmonyň pasynda ätiýaçdan oýna goşulan Mikel Merino ispanlary öňe saýlady. Bu oýundaky soňky gol boldy. Merino goldan soň meýdançanyň burçundaky baýdakly diregiň daşyndan 3 gezek aýlanyp, begenjini paýlaşdy. Aslynda ol şeýle etmek bilen 33 ýyl ozal kakasynyň şol stadionda goldan soň eden hereketini gaýtalady. 1991/92 möwsüminde UEFA Kubogynyň çäginde «Osasuna» bilen «Ştutgart» toparlarynyň jogap oýnunda Mikel Merinonyň kakasy Anhel Merino ispan klubunyň 2-nji goluny geçirip, özboluşly ýagdaýda begenjini paýlaşypdy.

Galan pursatlarda-da nemesler hasaby deňläp bilmediler. Duşuşygyň 120+6-njy minutynda Dani Karwahal 2-nji sarydan soň gyzyl kart aldy. Netijede, Ispaniýanyň ýygyndysy goşmaça wagtda 2–1 hasabynda ýeňiş gazanyp, ilkinji ýarym finalçy boldy. Ispaniýanyň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek uly ýaryşlarda goşmaça wagtda hem bolsa, ýer eýelerini ýeňlişe sezewar etdi.

Germaniýanyň ýygyndysy üçin bolsa, özlerindäki ýaryş wagtyndan ir tamamlanyp, olar Ýewropa çempionatynda çärýek finaldan yzyna gaýdan ilkinji ýer eýesi boldy. Germaniýanyň ýygyndysy şu wagta çenli Germaniýa ady bilen Ispaniýanyň ýygyndysyny ne Dünýä Kubogynda, ne-de Ýewropa çempionatynda ýeňdi. Futbolyň iki öňdebaryjy ýurdunyň arasyndaky Ýewropa çempionatlarynda Ispaniýa Germaniýa bilen EURO 2024-den öňem 2 gezek duşuşdy. 2008-nji ýyldaky çempionatyň finalynda Ispaniýa Germaniýany 1–0 hasabynda ýeňipdi.

Dünýä Kubogynda bolsa iki toparyň 1994-nji ýyldaky oýnunda ýeňiş gazanan bolmady (1–1). 2010-njy ýylda ýarym finalda Ispaniýa Puýolyň ýeke-täk goly bilen ýeňiş gazanypdy. 2022-nji ýyldaky duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy.

Germaniýanyň ýygyndysy Ispaniýany 1988-nji ýyldaky Ýewropa çempionatynda Günbatar Germaniýa döwründe Rudi Wölleriň gollary bilen 2–0 hasabynda utupdy.

**Portugaliýa çempionlykdan soň...**

● Portugaliýanyň ýygyndysy bilen Fransiýanyň ýygyndysynyň arasyndaky duşuşygyň esasy wagtynda-da, goşmaça berlen 30 minutda-da hasap açylmady. Hamburgda geçirilen duşuşygyň dowamynda howply pursatlar bolsa-da, taraplara topy derweze girizmek başartmady. Soňlugy bilen, penalti urgularyna geçildi we ilkinji bolup ýerine ýetirip başlan fransuzlar 5 urgyny hem birkemsiz derweze girizdiler (Dembele, Fofana, Kunde, Barkola, Hernandes). Portugallarda 1-2-nji urgulary ýerine ýetiren Ronaldo bilen Bernardo Silwanyň urgulary takyk boldy. 3-nji urgyny Žoao Feliks urup, onuň urgusynda top sütünden yzyna gaýtdy. 4-nji urgyny Nuno Mendeş dürs ursa-da, bu olara ýeterlik bolmady. Fransiýada 5-nji urgyny ýerine ýetiren Teo Hernandesiň urgusynyň gol bolmagyndan soň, portugallar üçin 5-nji urgynyň ähmiýeti galmady. Netijede, 5-3 hasabynda ýeňiş gazanan Fransiýanyň ýygyndysy soňky 5 uly ýaryşda (Ýewropa çempionaty, Dünýä Kubogy) 4-nji gezek ýarym finala çykmagy başardy.

Soňky 15 duşuşygynda Fransiýadan 12-nji gezek utulan portugallar çempionlykdan soň 2 ýaryşda-da iň gowy 4 toparyň hataryna goşulyp bilmedi. Toparyň kapitany Kristiano Ronaldo karýerasy boýunça 30-njy gezek Ýewropa çempionatynda meýdança çykdy. Ol Ýewropa çempionatynda 30 oýna ýeten ilkinji futbolçy boldy. Şol bir wagtyň özünde-de, Ronaldo ilkinji gezek bir uly ýaryşy gol geçirmezden tamamlady. Ol Dünýä Kubogy we Ýewropa çempionatyna jemi 11-nji gezek gatnaşyp, mundan öňki 10-synda azyndan 1 gol geçiripdi. Ýöne super ýyldyza soňky 9 oýundan bäri gol geçirmek başardanok.

**Sautgeýtiň 100-nji duşuşygy**

● Angliýa bilen Şweýsariýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda 1-nji ýarymda hasap açylmady. Esasy wagty 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanan duşuşykda gollaryň 2-si hem soňky 10 minutda derweze girizildi. Duşuşygyň 75-nji minutynda Şweýsariýanyň ýygyndysy Bril Embolonyň goly bilen öňe saýlandy. Ýöne olaryň üstünligi uzak dowam etmedi. 5 minutdan soň, has takygy, 80-nji minutda Bukaýo Saka hasaby deňledi. Şondan soň taraplaryň ikisine-de hasaby üýtgetmek başartmady. Bu ýagdaý goşmaça 30 minutda hem şeýle boldy. Netijede, ýeňijini penalti urgulary kesgitlemeli edildi. Bu urgularda-da iňlisler ýeke ýalňyşlyk hem goýbermedi we 5–3 hasabynda üstün çykyp, bassyr 2-nji, umumylykda-da 3-nji gezek ýarym finalçy boldy. Duşuşyk Angliýanyň tälimçisi Garet Sautgeýtiň milli ýygyndydaky 100-nji oýny hökmünde hasaba alyndy (60 ýeňiş, 24 deňlik, 16 ýeňliş). Ol Angliýanyň ýygyndysynda 100-nji duşuşyga ýeten 3-nji tälimçi boldy.

**20 ýyldan soň ýarym finala çykdy**

● Berlinde geçirilen Niderlandlar bilen Türkiýäniň ýygyndylarynyň arasyndaky çärýek final duşuşygynda türkler ilkinji bolup hasaby açdy. Duşuşygyň 35-nji minutynda Samet Akaýdyn Türkiýäniň ýygyndysyny öňe saýlady. Duşuşygyň 1-nji ýarymy şol hasap bilenem tamamlandy. 2-nji ýarymda niderlandlar has erjel oýun görkezdi. 70-nji minutda Stefen de Wreý hasaby deňledi. Bu goldan 6 minutdan soňam jerime meýdançasynyň içinde emele gelen başagaýlykda Mert Müldür topy ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizdi. Bu duşuşykdaky soňky gol boldy. Şeýlelikde, 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan Niderlandlaryň ýygyndysy 20 ýyldan soň, umumylykda 5-nji gezek ýarym finala çykdy.

**ISPANIÝA — GERMANIÝA**

**EURO 2024 – 05.07.2024 – 1/4 final**

**ISPANIÝA (4–3–3):** Unai Simon — Karwahal, Le Norman (Naço 46), Laport, Kukurelýa — Pedri (Olmo 8), Rodri, Fabian Ruiz (Hoselu 102) — Ýamal (F. Torres 63), Morata (k) (Oýarzabal 80), Williams (Merino 80); ***Tälimçi:*** Luis de la Fuenta
**GERMANIÝA (4–2–3–1):** Noýer — Kimmih, Rüdiger, Ta (Müller 80), Raum (Mittelştadt 57) — Jan (Andrih 46), Kroos — Musiala, Gündogan (k) (Füllkrug 57), Sane (Wirts 46) — Hawerts (Anton 91); ***Tälimçi:*** Ýulian Nagelsmann
**GOL:** Olmo 51, Merino 119 — Wirts 89; **SARY KART:** Simon, Karwahal, Le Norman, Rodri, Ruiz, Torres — Rüdiger, Raum, Kroos, Andrih, Wirts, Mittelştadt, Şlotterbek, Undaw; **GYZYL KART:** Dani Karwahal (Ispaniýa) 120+6; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Dani Olmo (Ispaniýa); **EMIN:** Antoni Teýlor (Angliýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «MHPArena», Ştutgart — 54 000

**2–1 (g.w.)**

**PORTUGALIÝA — FRANSIÝA**

**EURO 2024 – 05.07.2024 – 1/4 final**

**PORTUGALIÝA (4–3–3):** Diogo Koşta — Kanselo (Semedo 74), Pepe, Ruben Diaş, Nuno Mendeş — Witinýa (Mateus Nuneş 119), Palinýa (Ruben Neweş 90+2), Bruno Fernandeş (Fransişko Konseisao 74) — Bernardo Silwa, Ronaldo (k), Rafael Leao (Žoao Feliks 106); ***Tälimçi:*** Roberto Martines
**FRANSIÝA (4–3–3):** Menýan — Kunde, Upamekano, Saliba, Hernandes – Kante, Tçuameni, Kamawinga (Fofana 91) — Kolo Muani (Turam 86), Grizmann (Dembele 67), Mbappe (Barkola 106); ***Tälimçi:*** Didie Deşam
**SARY KART:** Palinýa — Saliba; **PENALTI:** Ronaldo, Silwa, Mendeş — Dembele, Fofana, Kunde, Barkola, Hernandes; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Usman Dembele (Fransiýa); **EMIN:** Maýkl Oliwer (Angliýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Volksparkstadion», Hamburg — 47 789

**0–0 (3–5 p)**







**ANGLIÝA — ŞWEÝSARIÝA**

**EURO 2024 – 06.07.2024 – 1/4 final**

**ANGLIÝA (3–4–2–1):** Pikford — Wolker, Konsa (Palmer 78), Stounz — Trippier (Eze 78), Mainu (Şaw 78), Raýs, Saka — Bellingam, Foden (Aleksander-Arnold 115) — Keýn (k) (Touni 110); ***Tälimçi:*** Garet Sautgeýt
**ŞWEÝSARIÝA (3–4–3):** Sommer — Şer, Akanži, Rodriges — Rider (Zuber 63), Froýler (Sierro 118), Džaka (k), Ebişer (Amduni 118) — Ndoýe (Zakaria 98), Embolo (Şakiri 109), Wargas (Widmer 63); ***Tälimçi:*** Murat Ýakin
**GOL:** Saka 80 — Embolo 75; **SARY KART:** Keýn — Şer, Widmer; **PENALTI:** Palmer, Bellingam, Saka, Touni, A-Arnold — Şer, Şakiri, Amduni; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Bukaýo Saka (Angliýa); **EMIN:** Daniele Orsata (Italiýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Merkur Spiel-Arena», Düsseldorf — 46 907

**1–1 (5–3 p)**

**NIDERLANDLAR — TÜRKIÝE**

**EURO 2024 – 06.07.2024 – 1/4 final**

**NIDERLANDLAR (4–3–3):** Werbruggen — Dumfris, De Wreý, Wan Deýk (k), Ake (Wan de Wen 73) — Shauten, Simons (Zirkzee 87), Reýnders (Werman 73) — Bergwiýn (Weghorst 46), Depaý (Frimpong 87), Gakpo; ***Tälimçi:*** Ronald Kuman
**TÜRKIÝE (5–4–1):** Günok — Müldür (Çelik 82), Aýhan (Kylyçsoý 89), Akaýdyn (Tosun 82), Bardakçy, Kadyoglu — B. Ýylmaz, Özjan (Ýokuşlu 77), Çalhanoglu (k), Ýyldyz (Aktürkoglu 77) — Arda Güler; ***Tälimçi:*** Winçenzo Montella
**GOL:** De Wreý 70, Müldür 76 (ö.d.) — Akaýdyn 35; **SARY KART:** Wan Deýk, Ake, Simons, Weghorst — Tosun, Montella; **GYZYL KART:** Bertug Ýyldyrym (Türkiýe) 90+6; **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Stefan de Wreý (Niderlandlar); **EMIN:** Klemen Turpen (Fransiýa); **STADION (TOMAŞAÇY):** «Olympiastadion», Berlin — 70 091

**2–1**



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Argentina 30-njy, Kolumbiýa 3-nji gezek finalda

Ýewropa çempionatyndan soň ABŞ-da dowam edýän 48-nji Kopa Amerikada hem finalçylar belli boldy. Ýarym finalda Argentina bilen Kanadanyň ýygyndylary duşuşdy. Toparçada hem duşuşan toparlaryň bu duşuşygynda-da şol oýundaky netije hasaba alyndy. Argentinanyň ýygyndysy Hulian Alwaresiň 22-nji, Lionel Messiniň 51-nji minutlarda geçiren gollary esasynda Kanadany 2–0 hasabynda ýeňip, Kopa Amerikada bassyr 2-nji, soňky 8 ýaryşda 6-njy, umumylykda-da 30-njy gezek finala çykdy.

### MESSINIŇ TÄZE STATISTIKALARY

● Bu ýaryşda ilkinji golunу geçiren Lionel Messiniň Kopa Amerika çempionatlaryndaky gollarynyň sany 14-e ýetip, ol ýene-de 4 gezek tapawutlansa, bu ugurda iň ýokarky orna geçer. Kopa Amerikadaky 5-nji finalyna çykan Lionel Messi uly ýaryşlarda 7-nji finalyny oýnar (Dünýä Kubogynda-da 2 finaly bar) we ol bu görkezijä ýeten ilkinji futbolçy bolar. Messi 6-njy Kopa Amerika ýaryşynda gol geçirip, braziliýaly Ziziniоnyň 67 ýyllyk rekordyny gaýtalady. Şeýle-de, Lionel Messiniň milli topardaky gollarynyň sany 109-a ýetdi. Ol bu ugurda 108 goly bolan eýranly Ali Daeiden öňe saýlanyp, 2-nji basgançaga beýgeldi. Sanawyň başyny 130 gol geçiren portugaliýaly Kristiano Ronaldo çekip gelýär.





### Hames Rodrigesiň erjel oýny

● Ýarym finalyň beýleki duşuşygy diýseň dartgynly ýagdaýda geçdi. Şarlott şäherinde geçirilen oýunda Kolumbiýa bilen Urugwaýyň ýygyndysy duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda Kolumbiýanyň ýygyndysy 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Argentinaly Nestor Lorenzonyň tälimçiligindäki Kolumbiýanyň ýygyndysyna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 39-njy minutda Hames Rodrigesiň pasyndan soň Jefferson Lerma geçirdi. Bu Rodrigesiň çempionatdaky 6-njy asistidir. Oýnuň 45+1-nji minutynda 2-nji sary kartyny alan Daniel Munýos meýdançadan çykarylyp, Kolumbiýa 2-nji ýarymy 1 oýunçy kem oýnady. Ýöne muňa garamazdan, Urugwaýa ne hasaby deňlemek, ne-de ýeňiş gazanmak başartdy. Şeýlelikde, 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan Kolumbiýanyň ýygyndysy 23 ýyldan soň 3-nji gezek finala çykdy. 1975-nji ýylda finalda Perudan asgyn gelen Kolumbiýanyň ýygyndysy 2001-nji ýylda Meksikany Iwan Kordobanyň ýeke-täk goly bilen ýeňip, ilkinji çempionlygyny gazanypdy.



Argentina bilen Kolumbiýanyň ýygyndysy mundan öň 40 gezek duşuşyp, argentinler 20, kolumbiýalylar 9 oýunda ýeňiş gazandy (11 deňlik). Argentinler 71, kolumbiýalylar 39 gol geçirdi. Kopa Amerikada 15 gezek gabatlaşan toparlaryň şol duşuşyklarynda Argentina 7, Kolumbiýa 3 gezek ýeňiş gazanyp, 5 oýun deňlikde gutardy (39-17 gol). Häzirki wagtda Kolumbiýanyň ýygyndysy 28 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. Olary soňky sapar ýeňen topar Argentina bolup, 2022-nji fewralyndaky şol oýunda kolumbiýalylar 1–0 hasabynda utulypdy.

Argentina bilen Kolumbiýanyň arasyndaky final duşuşygy 15-nji iýulda duşenbe güni daňdan 05:00-da başlanar. Duşuşyk Florida ştatynyň Maýami Gardens şäherindäki «Hard Rock Stadium»-da geçiriler.

# 3 duşuşykda ýeňiş gazanan topar esasy wagtda belli bolmady

Kopa Amerikada çärýek finalda Argentina bilen Ekwadoryň ýygyndysy duşuşdy. Oýnuň 35-nji minutynda argentinaly goragçy Lisandro Martines tapawutlandy. Ekwadorlylar bu gola oýnuň soňky minutlarynda, has takygy, 90+2-nji minutda Hose Rodrigesiň goly bilen jogap berdi. Netijede, oýnuň esasy wagty 1-1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Oýundan soň goşmaça wagt berilmezden (diňe final oýnunda berler) gönümel penalti urgularyna geçildi. Penalti urgularynda-da argentinleriň ilkinji urgusyny uran super ýyldyz Lionel Messiniň topy sütünden yzyna gaýtdy. Ýöne soňlugy bilen Argentinadan Alwaresiň, MakAllisteriň, Montieliň hem-de Otamendiniň urgulary dürs bolup, Ekwadordanam 1-2-nji urgulary uran Mena bilen Mindanyň penaltilerini-de argentinaly derwezeçi, penalti saklamakda ökde hasaplanýan Emiliano Martines sowmagyň hötdesinden geldi. Ekwadordan Ýeboanyň hem-de Hordi Kaisedonyň urgulary dürs bolsa-da, bu olara ýeterlik bolmady. Penaltilerde 4-2 öňe saýlanan Argentinanyň ýygyndysy ýarym finala çykmagy başardy. Bu duşuşykdan soň Ekwadoryň tälimçisi Feliks Sançesiň şertnamasy ýatyryldy. Ispaniýaly hünärmen 2023-nji ýylda 4 ýyllyk şertnama baglaşypdy. Ekwadoryň ýygyndysy Wenesuelanyň ýygyndysy bilen Kopa Amerikada çempionlyk gazanyp bilmedik 2 toparyň biridir.









Ilkinji gezek ähli duşuşygynda ýeňiş gazanyp, toparçadan çykan Wenesuelanyň bu üstünligi çärýek finalda tamamlandy. Kanada bilen duşuşan Günorta Amerikanyň wekili penaltileriň netijesinde asgyn geldi. Duşuşygyň 13-nji minutynda Şaffelburg Kanadany öňe saýlasa, 65-nji minutda wenesuelaly meşhur hüjümçi Rondon meýdançanyň orta gürplerine golaý ýerden topy derwezä girizip, hasaby deňledi. Duşuşykdan soňky penalti urgularynda-da az ýalňyş goýberen Kanada 4-3 hasabynda üstün çykyp ýarym finalçy boldy.

Kolumbiýanyň ýygyndysyna ýarym finala çykmak kyn düşmedi. Panamanyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçiren Kolumbiýanyň gollaryny Kordoba (8), Hames Rodriges (15 p), Diaz (41), Rios (70), Borha (90+4 p) derwezä girizdi. Duşuşykda 1 gol geçirip, 2 asist eden Hames Rodriges oýnuň ýyldyzy saýlandy.

Yklymyň iki öňdebaryjy ýygyndylarynyň – Urugwaý bilen Braziliýanyň ýygyndylarynyň özara duşuşygynda esasy wagtda hasap açylmady. Hatda brazillere oýnuň soňky 15 minutyny 1 oýunçy kem oýnan urugwaýlylaryň derwezesiniň alkymynda howply pursatlar döretmek hem başartmady. Oýundan soňky penaltilerde 4-2 hasabynda üstün çykan Urugwaý ýarym finala adyny ýazdyrdy.

*Çärýek finalyň netijeleri*
**ARGENTINA – EKWADOR: 1-1, 4-2 p** (Lisandro Martines 35 – Rodriges 90+2)
**WENESUELA – KANADA: 1-1, 3-4 p** (Rondon 65 – Şaffelburg 13)
**KOLUMBIÝA – PANAMA: 5-0** (Kordoba 8, H. Rodriges 15 p, Diaz 41, Rios 70, Borha 90+4 p)
**URUGWAÝ – BRAZILIÝA: 0-0, 4-2 p**

*Ýarym finalyň netijeleri*
**ARGENTINA – KANADA: 2-0** (Hulian Alwares 22, Lionel Messi 51)
**KOLUMBIÝA – URUGWAÝ: 0-1** (Jefferson Lerma 39)

# «Bawariýa» Londonyň klublaryndan 2 futbolçyny düzümine goşdy

Germaniýanyň «Bawariýa» topary «Premier Ligadan» 2 futbolçy transfer etdi. Münhenliler ilki Kristal Palasyň 22 ýaşyndaky fransiýaly ýarymgoragçysy Maýkl Oliseni 60 million ýewro (53+7) düzümine goşdy. «Bawariýa» Olise bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Olise «Kristal Palas» toparynda 3 möwsümde 90 oýunda 16 gol geçirdi. Olise «Kristal Palasdan» öň «Reding» toparynyň köýnekçesini geýdi. Olise Pariž 2024-de Fransiýanyň Olimpiýa ýygyndysynyň düzüminde çykyş eder.



Nemes kluby Londonyň başga bir topary «Fulhamdan» hem portugaliýaly 29 ýaşyndaky ýarymgoragçy Žoao Palinýany 56 million ýewro (51+5) transfer etdi. Ýewropa çempionatynda hem çykyş eden Palinýa münhenliler bilen 4 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Palinýa «Fulhamda» 2 möwsümde 79 oýunda 8 goly derwezä girizdi. Ol «Fulhamdan» öň «Braga», «Belenenseş», «Moreirense», «Sporting» klublarynda hem oýnady.



Tälimçilige Wensan Kompanini bellän «Bawariýa» tomsuň başlarynda «Ştutgart» toparyndan ýaponiýaly Hiroki Itony hem düzümine goşupdy.

### DIŇE LOGOTIPINDE GUŞUŇ ŞEKILI BOLAN TOPARLARDA ÇYKYŞ EDÝÄR

● «Premier Liganyň» wekili «Kristal Palas» topary «Lasio» bilen şertnamasy tamamlanan ýaponiýaly ýarymgoragçy Daiçi Kamadany düzümine goşdy.



27 ýaşyndaky oýunçy londonlylar bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol özüniň «Kristal Palasa» geçmegi bilen baglanyşykly: — Öňki halypam Oliwer Glasner bilen täzeden işleşmek meni örän begendirýär. «Premier Ligada» oýnamaga sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn — diýdi. Kamada «Lasioda» geçen möwsümde 38 oýunda 2 gol geçirip, 2 goluň pasyny berdi.

«Lasioda» bir möwsüm oýnan Kamada ondan öň «Aýntrahtda», şol sanda 2018/19 möwsüminde Belgiýanyň «Sint-Triden» klubunda kärendesine çykyş edipdi. Ol 2015-nji ýylda ýurdunyň «Sagan Tosu» klubunda futbola başlapdy. Kamadanyň çykyş eden klublarynyň ählisiniň nyşanynda (logotipinde) guşuň şekiliniň bolmagy aýratyn bellärliklidir. Onuň çykyş edýän milli ýygyndysynyň, ýagny Ýaponiýanyň milli toparynyň hem logotipinde guşuň şekili bar.

# 945 günden soň ilkinji birinjilik

Formula 1 boýunça möwsümiň 11-nji ýaryşy Beýik Britaniýanyň Silwerstoun şäherçesinde geçirildi. 52 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Mercedes» toparynyň britaniýaly sürüjisi Lýuwis Hamilton ýeňiş gazandy. Ol 2-nji hatardan başlan ýaryşyny 1 sagat 22 minut 27,059 sekuntda tamamlap, 945 günden soň F1 ýaryşynda birinji orny eýeledi. Ýagny ol soňky gezek F1-de 2021-nji ýylyň dekabrynda Saud Arabystany «Gran Prisinde» ýeňiji bolupdy. Bu onuň 104-nji ýeňşi bolup, ol öz rekordyny ösdürdi. Şeýle-de, 39 ýaşyndaky Hamilton bir «Gran Pride» 9-njy ýeňşini gazanyp, bu ugurda-da rekordyň ýeke-täk eýesi boldy. Ýaryşda 2-nji ýeri «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen eýeledi. Ol ýeňijiden 1,465 sekunt yza galdy. Münberiň 3-nji basgançagyna «McLaren» toparynyň britan sürüjisi Lando Norris çykdy. Onuň awstraliýaly topardaşy Oskar Piastriniň 4-nji bolan ýaryşynda «Ferrari» toparynyň ispan piloty Karlos Saýns Junior 5-nji ýeri eýeledi.



Ýaryşa ilkinji hatardan başlan «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell 33-nji aýlawda ulagynda dörän näsazlyk sebäpli ýaryşy tamamlap bilmedi.

Geçirilen bu ýaryşdan soň Maks Werstappen utugyny 255-e ýetirip, liderligini dowam etdirýär. 2-nji ýerdäki Lando Norrisiň 171, 3-nji basgançakdaky Şarl Lekleriň 150 utugy bar.

Möwsümiň 13-nji ýaryşy 21-nji iýulda Wengriýada geçiriler.

# Birinji orna çykaran ýeňiş

Moto GP boýunça möwsümiň 9-njy ýaryşy Germaniýa «Gran Prisinde» «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia ýeňiji boldy. Ol ýurduň Saksoniýa welaýatyndaky Zaksenring trassasynda geçirilen ýaryşda 30 aýlawy 40 minut 40,063 sekuntda tamamlap, bassyr 4-nji, möwsümdäki 6-njy, karýerasyndaky 24-nji ýeňşini gazandy. «Ducati Gresini Racing» toparynyň ispan sürüjileri – doganlar Mark Markes 2-nji, Aleks Markes 3-nji orny eýeledi. Mark ýeňijiden 3,804 sekunt, Aleks 4,334 sekunt yza galdy.



Germaniýa «Gran Prisiniň» çäginde geçirilen sprint bäsleşiginde ispaniýaly Horge Martin («Ducati Prima Pramac») 1-nji, portugaliýaly Migel Oliweira («Aprilia Trackhouse») 2-nji, Françesko Banaia 3-nji orna mynasyp boldy.

Germaniýa «Gran Prisinden» soň Françesko Banaia utugyny 222-ä çykaryp, birinji orna beýgeldi. Ondan 10 utugy az bolan Horge Martin 2-nji orna düşdi. 3-nji basgançakdaky Mark Markesiň 166 utugy bar.

Moto GP-de möwsümiň 10-njy ýaryşy 4-nji awgustda Beýik Britaniýanyň Silwerstoun şäherçesinde geçiriler.




# 37 ýyllyk taryhy rekordy täzeledi

Ýeňil atletika boýunça geçirilýän «Göwher Liganyň» Pariždäki tapgyrynda taryhy rekord hasaba alyndy. Zenanlaryň arasynda beýiklige bökmekde 37 ýyllyk dünýä rekordy täzelendi. Ukrainaly Ýaroslawa Maguçih 2,10 metr beýige böküp, bolgariýaly Stefka Kostadinowanyň rekordyny öz adyna geçirdi. Kostadinowa 1987-nji ýylyň awgustynda Rimde geçirilen Dünýä çempionatyna 2,09 metre böküpdi. Onuň rekordyny 37 ýyllap täzelemek hiç kime başartman, ahyry Dünýäniň hem Ýewropanyň çempiony, Olimpiýa oýunlarynyň bürünç medalynyň eýesi, 22 ýaşyndaky ukrainaly Ýaroslawa Maguçihe miýesser etdi.

Ýaryşyň çäginde zenanlaryň arasynda 1500 metre ylgamakda keniýaly Fait Kipýegon özüne degişli rekordy 7 millisekunt ösdürmegi başardy. Ol geçen ýylky 3 minut 49,11 sekuntlyk rekordyny 3 minut 49,04 sekunda çykardy.

Магазин запчастей для бытовой техники
РЕАЛИЗУЕМ:
.фреон для автомобильных кондиционеров;
.фреон для холодильников и кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры для сплит систем и оконных кондиционеров всех марок;
.моторкомпрессоры и электродвигатели для бытовых, витринных и промышленных холодильников;
.электродвигатели для пылесосов;
.запасные части для стиральных машин.



Тел.: 96 07 67
865 09 57 67
863 30 81 01

ZAMAN TÜRKMENISTAN international media

Gysga hekaýalar
Çagalar üçin gyzykly güýmenjeler
Krossword, skanwordlar
Bular nirede bar?
Kim, haçan oýlap tapdy?
Tomusky kitapçalar



zamanturkmenistan.com.tm web saýtynda

Saýtymyzdaky Gyzykly güýmenjeler bölüminden ýörite taýýarlanan PDF kitapçalary göçürip alyp bilersiňiz!